TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– TÜRKMENISTAN WE HYTAÝ IKITARAPLAÝYN GÖRNÜŞDÄKI GATNAŞYKLARY ÜSTÜNLIKLI ÖSDÜRMEK BILEN, ABRAÝLY HALKARA HEM-DE SEBIT GURAMALARYNYŇ ÇÄKLERINDE NETIJELI HYZMATDAŞLYK EDIP, BIREK-BIREGE GOLDAW BERÝÄRLER.

ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

6-njy ýanwar, 2023. Belgisi 1/1515



# ÖSÜŞIŇ BELENT SEPGITLERINE TARAP

**4-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip yglan edilen Täze, 2023-nji ýylda sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň ilkinji mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli möhüm meselelere hem-de käbir resminamalaryň taslamalaryna garaldy.**

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibine geçip, Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa söz berdi. Ol täze kanunlaryň taslamalaryny işläp taýýarlamak, hereket edýän kanunçylyk namalaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek boýunça işler barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, bu işler Türkmenistanyň Konstitusiýasy esasynda hem-de kanun çykaryjylyk işiniň öňdebaryjy dünýä tejribesini nazara alyp, täze taryhy eýýamda döwletimizi ösdürmek bilen baglylykda alnyp barylýar. Häzirki wagtda «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyndan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryny taýýarlamak, ýaşlary watançylyk ruhunda terbiýelemek, olaryň döwrebap bilim almaklary, döredijilik, bedenterbiýe, sport bilen meşgullanmaklary, ýaşlaryň telekeçilik başlangyçlaryny goldamak we höweslendirmek bilen bagly Kanunda göz öňünde tutulan wezipeleri durmuşa geçirmek boýunça degişli işler geçirilýär.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygynyň orunbasary K.Babaýew alnyp barylýan kanun çykaryjylyk işi barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Ahal welaýatynyň Arkadag şäheriniň gurluşygy bilen bagly giň gerimli taslamanyň durmuşa geçirilişini hemişe üns merkezinde saklaýar. Gahryman Arkadagymyz 2022-nji ýylyň 24-nji dekabrynda sebitiň täze edara ediş merkezine baryp gördi we Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň taslamasy bilen tanşyp, onuň çäklerinde göz öňünde tutulan gurluşyk işlerine ak pata berdi. Şeýle hem Halk Maslahatynyň Başlygy degişli ýolbaşçylar bilen maslahat geçirdi we olara bu ýerde alnyp barylýan işler boýunça gymmatly maslahatlaryny berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow ýurdumyzyň ykdysadyýet, maliýe we bank ulgamlarynyň 2023-nji ýyl üçin iş meýilnamalarynyň taslamalary barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, meýilnamalarda milli ykdysadyýetimiziň yzygiderli ösdürilmegini we döwrebaplaşdyrylmagyny üpjün etmek, pudaklary özgertmek hem-de olaryň önümçilik kuwwatlyklaryndan doly peýdalanmak, sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, maýa goýum syýasatynyň işjeňligini artdyrmak boýunça çäreler göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, geçirilýän özgertmeler esasynda milli ykdysadyýeti innowasion ýoly bilen ösdürmek boýunça öňde goýlan wezipeleri çözmäge toplumlaýyn hem-de oýlanyşykly çemeleşmegiň möhümdigini belledi hem-de ýurdumyzyň bank-maliýe ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, bazar ykdysadyýetiniň gurallaryny ornaşdyrmak boýunça amala aşyrylýan çäreleriň wajypdygyny nygtap, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow nebitgaz toplumynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Sarp edijileri nebit önümleriniň zerur möçberi bilen bökdençsiz üpjün etmek maksadyndan ugur alnyp, «Türkmennebit» döwlet konserni tarapyndan netijeli çäreler görülýär, hususan-da, nebit önümleriniň kabul edilişine, saklanylyşyna, goýberilişine, daşalyşyna hem-de peýdalanylyşyna gözegçilik edilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň baý tebigy uglewodorod serişdelerini öwrenmäge, netijeli we rejeli ulanmaga toplumlaýyn, ylmy taýdan esaslandyrylan çemeleşmäni üpjün etmegiň möhümdigini belledi we wise-premýere birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Şeýle hem wise-premýer «Çeleken» şertnamalaýyn çäginde ýerleşýän «Çeleken ýangümmez» gurluşyny özleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynyň ösüşi nebitgaz ýataklaryny çalt depginde özleşdirmek, täze guýulary burawlamak arkaly amala aşyrylýar. Munuň özi çig nebitiň çykarylýan möçberini ep-esli artdyrmaga ýardam edýär. Şunuň bilen baglylykda, amala aşyrylýan pudaklaýyn taslamalara gatnaşmaga gyzyklanma bildirýän iri ugurdaş kompaniýalary çekmek meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, täze özleşdiriljek nebit ýataklarynyň gorlaryny kesgitlemek boýunça alnyp barylýan işleriň ykdysadyýetimiziň esasy pudaklarynyň biri bolan ýangyç-energetika toplumynyň kuwwatlyklaryny mundan beýläk-de artdyrmakdaky ähmiýetini belledi we wise-premýere anyk tabşyryklary berdi. 2

# EKOLOGIÝA TAÝDAN ARASSA HEM-DE «AKYLLY» ŞÄHER



Halkymyz Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylyny belent joşgun, uly ruhubelentlik bilen garşylady. Täze ýylyň başynda «Halkyň Arkadagly zamanasy» şygary astynda geçen 2022-nji ýylda ýetilen sepgitler hakynda buýsanyp söhbet edýäris. Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň 2022-nji ýylyň 29-njy dekabrynda geçirilen bilelikdäki mejlisinde Arkadagly Serdarymyz 2022-nji ýyla baha bermek bilen: «Bu ýyl «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýyly hökmünde berkarar döwletimiziň taryhynda hem hemişelik galar. Geçip barýan ýylda ýurdumyzyň alyp barýan daşary we içeri syýasatynda köp işler amala aşyryldy» diýip nygtady. 2022-nji ýylyň Garaşsyz Türkmenistanyň täze taryhy eýýamynyň şanly sene ýazgysynyň üstüni ýetiren esasy wakalarynyň biri hökmünde Köpetdagyň eteginde gurulýan Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezini görkezmek bolar. Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň Karary bilen bu edara ediş merkeziniň «Ahal welaýatynyň Arkadag şäheri» diýlip atlandyrylmagy halkymyzyň isleg-arzuwlaryny hasyl etdi. Arkadag şäheri döwrebap, innowasion we sanly desgalar toplumy bolup, ilatyň has amatly, rahat, howpsuz durmuşyny üpjün etmekde iň ýokary hil ülňülerine laýyk gelýän şertleri döretmegiň ýolunda nobatdaky möhüm ädimdir. Bu beýik işler Gahryman Arkadagymyzyň öňe süren «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgesini hormatly Prezidentimiziň iş ýüzünde üstünlikli durmuşa geçirýändigini aýdyň mysalydyr.

Merkeziň çäginde ýaýbaňlandyrylan giň möçberli gurluşyk işlerinde milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesi utgaşdyrylýar. Döwlet Baştutanymyz merkeziň çägindäki ýaşyl zolaklaryň ilatly ýeriň ekologiýa ýagdaýynyň gowulandyrylmagyna ýardam bermelidigine, olarda medeniýetli dynç almak hem-de wagtyňy gyzykly, peýdaly geçirmek üçin zerur şertleriň döredilmelidigine ünsi çekdi. Täze şäheriň çäklerinde häzirki zaman sanly ulgamy esasynda bilukmançylyk, bank, söwda edaralarynyň işlemegi üçin şertler dörediler, awtobuslaryň gatnawlary düzgünleşdiriler, taksi hyzmatlary hödürleniler. Merkezde häzirki zaman internet ulgamynyň serişdeleri hereket eder we dürli ugurlar boýunça degişli portallaryň işleri ýola goýlar. Munuň özi döwrebap aragatnaşyk ulgamynyň kämil derejesiniň hemmeler üçin elýeterli bolmagyny şertlendirer.

Täze şäheriň çäginde elektrobuslaryň we elektromobil taksileriň işini ýola goýmak meýilleşdirilýär. Şunda bu ulgamlaryň sazlaşykly hereketini üpjün etmek maksady bilen, hereket sazlaýjy yşyklaryň, awtoduralgalaryň işine sanly ulgam ornaşdyrylar. Munuň özi sazlaşykly hereketi hem-de şäher ilaty we onuň myhmanlary üçin ýokary derejeli hyzmatlaryň elýeterli bolmagyny üpjün eder. Şunda merkeziň çäginde «akylly» şäher konsepsiýasyndan ugur alynýar. Bu konsepsiýanyň esasy ugry bolsa bina edilýän desgalaryň gurluşygynda ekologiýa taýdan arassa serişdeleriň ulanylmagyndan we ýokary ekologiýa derejäni üpjün etmekden ybaratdyr. Merkeziň çäklerinde ýerine ýetirilýän ähli işlerde şu ýörelgeleriň üpjün edilmegi esasy talap bolup durýar. Bina ediljek desgalarda dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň enjamlarynyň we häzirki zaman sanly ulgamynyň ornaşdyrylmagy bilen baglanyşykly meseleler içgin öwrenilýär hem-de olaryň ornaşdyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär. 2



## TÜRKMEN–HYTAÝ GATNAŞYKLARY BARHA BERKEÝÄR

Türkmenistan halkara gatnaşyklarynda Bitaraplyk we «Açyk gapylar» syýasatyna daýanýan, daşary syýasat strategiýasynyň esasyny düzýän binýatlyk ýörelgelerden ugur alýar. Bu ýörelgeler ýurdumyzyň uzak möhletli milli bähbitlerini goramakdan, döwletimiziň dünýä bileleşigine has ysnyşykly goşulmagyny üpjün etmekden, ählumumy derejede ähmiýetli meseleleriň çözülmegine ýardam bermekden hem-de durnuklylygy we howpsuzlygy gorap saklamaga goşant goşmakdan ybaratdyr. 3



## ATA WATANYMYZ ÜSTÜNLIKLERE BESLENÝÄR

Halkymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň şöhratly işlerini dowamata atarjak Täze – 2023-nji ýyly şatlyk we dabara bilen garşylady. «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýyly halkymyzyň durmuşyny gülletmäge gönükdirilen, umumadamzat bähbidini nazarlaýan tutumlara, täze-täze başlangyçlara beslendi. Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda geçen ilkinji ýylymyz türkmen halkynyň taryhyna täze döwrüň başlangyjy hökmünde girdi. 3

## ÝAŞLAR – ÝURDUMYZYŇ RÖWŞEN GELJEGI

Bütin halkymyz 2023-nji ýyly agzybirlikde we jebislikde garşylady. Türkmenistan döwletimiz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ýene bir ýylyna gadam basdy. «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip yglan edilen täze ýyl, nesip bolsa, uly üstünlikleri, rowaçly menzilleri arkaly eziz Watanymyzyň taryhyna altyn harplar bilen ýazylar.

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisi 2023-nji ýyly «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýip yglan etmek hakynda Karar kabul etdi. 3



### Täze pullar we şaýylyklar hödürlendi

Angliýa Banky Beýik Britaniýanyň täze Koroly Karl III portreti şekillendirilen şaýylyklaryň dizaýnyny hödürledi. Olarda Korolyň keşbi 2 we 5 funtluk gymmatlykdaky şaýylyklarda, şeýle-de 50 pensde orun alypdyr. 4



### Suw çüwdürimi – özboluşly bezeg desgasy

Şäherleriň görküne görk goşýan suw çüwdürimleri ilkibaşda bezegçilik maksadynda gurulman, eýsem, ilaty agyz suwy bilen üpjün etmekde, suw geçirijilerini birikdirmekde ulanylypdyr. 5

### Ronaldo «Al Nassr» klubuna transfer boldy

Super ýyldyz Kristiano Ronaldo «Al Nassr» kluby bilen şertnama baglaşmak üçin Saud Arabystanyna geldi. Ýyldyz oýunçyny müňlerçe janköýer bilen bilelikde, klubuň ýolbaşçylary mähirli garşyladylar. 7

# ÖSÜŞIŇ BELENT SEPGITLERINE TARAP

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow suw üpjünçiligi hem-de suw serişdelerini rejeli ulanmak boýunça alnyp barylýan toplumlaýyn işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, döwlet Baştutanymyzyň suw hojalygyny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça öňde goýan wezipelerini ýerine ýetirmek maksady bilen, ekerançylyk meýdanlarynyň suw üpjünçiligini gowulandyrmak we bar bolan suw howdanlarynyň göwrümini giňeltmek arkaly, goşmaça suw gorlaryny döretmek hem-de ýurdumyzyň ähli pudaklaryny suw serişdeleri bilen bökdençsiz üpjün etmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna 2023-nji ýylda ýurdumyzyň welaýatlary we etraplary boýunça suwdan peýdalanmagyň çäklendirilen möçberini ähli suw çeşmelerinden ugur alyp, degişli möçberde tassyklamak barada taýýarlanan Buýrugyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba-senagat toplumyny we beýleki pudaklary okgunly ösdürmegiň möhüm şerti hökmünde suw serişdelerinden rejeli peýdalanmagyň döwletiň durmuş-ykdysady syýasatynyň wajyp ugurlarynyň biri bolup durýandygyny nygtady. Döwlet Baştutanymyz suw serişdelerini rejeli ulanmak meselelerine jogapkärli çemeleşmegiň zerurdygyny belläp, hödürlenen Buýruga gol çekdi hem-de ony wise-premýere sanly ulgam arkaly iberdi we şu resminamadan gelip çykýan wezipeleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek babatda degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň kärhanalarynyň önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklaryny we alnyp barylýan giň gerimli gurluşyk işlerini ýokary hilli gurluşyk serişdeleri bilen üpjün etmek boýunça öňde goýlan wezipelere laýyklykda, gözegçilik edýän ulgamlarynda kärhanalaryň ählisiniň bökdençsiz işlemegi, olaryň maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagy üçin degişli çäreler görülýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Çözgüdiň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, milli ykdysadyýetimizi, şol sanda pudaklaryň hereket edýän önümçilik kuwwatlyklaryny yzygiderli giňeltmegiň hasabyna diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegiň zerurdygyna ýene-de bir gezek ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz degişli resminama gol çekip, bu ugurdaky işleri dowam etdirmegi wise-premýere tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew gözegçilik edýän düzümleriniň, hususan-da, Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň işi barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, «Döwlet zerurlyklary üçin harytlar bilen üpjün etmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek boýunça bäsleşikler hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi tarapyndan degişli işler geçirildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, halkara söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmegiň, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilýän möçberini artdyrmagyň, bäsdeşlige ukyply harytlaryň görnüşini giňeltmegiň söwda toplumynyň öňünde durýan gaýragoýulmasyz wezipeleriň biridigini belledi hem-de bu babatda wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna «Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrligine pagta önümlerini ýerlemek hakynda» Kararyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň dokma senagatynyň ägirt uly serişdeler kuwwatyna eýe bolmak bilen, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň gaýtadan işleýän ulgamynyň okgunly ösýändiginiň aýdyň mysalyna öwrülendigini belledi. Pudagyň önümçilik binýady yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar, ýokary hilli taýýar önümleriň görnüşleri dowamly giňeldilýär.

Döwlet Baştutanymyz degişli Karara gol çekip we ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberip, dokma kärhanalaryny senagat taýdan gaýtadan işlemek üçin pagta süýüminiň dürli görnüşleri bilen ýeterlik möçberde üpjün etmegiň möhüm wezipe bolup durýandygyny nygtady we bu babatda anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli dabaralary we çäreleri geçirmegiň meseleleri hakynda Kararyň taslamasy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, bu şanly waka mynasybetli degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň häkimlikleri TÜRKSOÝ bilen bilelikde birnäçe dabaralary we çäreleri geçirmegi meýilleşdirýärler.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli geçiriljek dabaralaryň we çäreleriň ähmiýetine ünsi çekdi. Halkymyzyň baý taryhy-medeni mirasy, şol sanda gadymy Änewiň ýadygärlikleri, bu ýerde edilen arheologik açyşlar giňden wagyz edilmäge hem-de mundan beýläk-de ylmy taýdan düýpli öwrenilmäge mynasypdyr diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Hormatly Prezidentimiz degişli resminama gol çekip, ony wise-premýere sanly ulgam arkaly iberdi we bu babatda anyk görkezmeleri berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow 2023-nji ýylda aspirantura, doktorantura we alymlyk derejelerine dalaşgärlige hem-de kliniki ordinatura kabul etmegiň meseleleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ylymbilim ulgamyny okgunly ösdürmäge hem-de ylmyň dürli ulgamlarynda işlejek ýaş alymlary taýýarlamaga uly ähmiýet berilýändigini aýratyn nygtady. Ýurdumyzyň ylmy we intellektual kuwwatyny pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işleriň çäklerinde innowasion tehnologiýalardan baş çykarýan hünärmenleri taýýarlamaga, möhüm ugurlarda düýpli we amaly ylmy-barlaglary geçirmäge aýratyn üns berilmelidir diýip, döwlet Baştutanymyz belledi we bu babatda wise-premýere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow hormatly Prezidentimiziň Hytaý Halk Respublikasyna amala aşyrjak döwlet saparyna taýýarlyk görmek boýunça geçirilýän işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, dünýäniň ýurtlary, şol sanda Aziýa sebitiniň döwletleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Şol ýurtlaryň hatarynda Hytaý Halk Respublikasy aýratyn orun eýeleýär. Bu döwlet bilen diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň ýanwarynda ýola goýuldy. Türkmenistan bilen Hytaý iri halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, BMG-niň we beýleki guramalaryň çäklerinde hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýärler.

Hormatly Prezidentimiziň Hytaýa boljak döwlet saparynyň maksatnamasy taýýarlanyldy. Saparyň barşynda ikitaraplaýyn resminamalaryň giň toplumyna gol çekmek göz öňünde tutulýar.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, taraplaryň tagallalary netijesinde strategik häsiýete eýe bolan köpýyllyk türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň netijeliligini belledi. Türkmenistan we Hytaý ikitaraplaýyn görnüşdäki gatnaşyklary üstünlikli ösdürmek bilen, abraýly halkara hem-de sebit guramalarynyň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk edip, birek-birege goldaw berýärler diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy. Ýokary, hökümetara we pudagara derejede yzygiderli geçirilýän duşuşyklaryň dostlukly gatnaşyklary hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn pugtalandyrmaga, onuň ägirt uly mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmaga ýardam edýändigi bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz Pekinde ýokary derejede geçiriljek gepleşikleriň möhümdigine, onuň köpugurly türkmen-hytaý hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmäge täze itergi bermäge gönükdirilendigine ünsi çekdi we bu babatda wise-premýer, daşary işler ministrine degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew durmuş-ykdysady özgertmeleriň çäklerinde ýurdumyzyň ulag-aragatnaşyk toplumynyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döwrüň talaplaryna laýyk getirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe gözegçilik edýän düzümleriniň işini döwrebaplaşdyrmak maksady bilen, bu ulgamda hukuk kadalaşdyrylyşyny üpjün etmek boýunça yzygiderli çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ulag toplumynyň hukuk binýadyny pugtalandyrmak boýunça geçirilýän işleriň ähmiýetine ünsi çekdi hem-de ulag ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça şeýle çäreleriň yzygiderli geçirilmelidigini belläp, bu babatda agentligiň ýolbaşçysyna birnäçe tabşyryklary berdi.

Mejlisiň barşynda döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

## Maşk bedeni berkidýär

Maşk etmegiň ruhy we fiziki saglyga peýdasy sanardan köp. Lukmanlar, esasan hem, gyş paslynyň dowam edýän günlerinde maşk etmegiň ähmiýetlidigini belleýärler. Yzygiderli maşk etmek bedeniň immunitetiniň güýçlenmegine ýardam edýär. Häzirki wagtda keselleriň köpüsi hereketsizlikden ýa-da oturymly iş ýörelgesinden ýüze çykýar. Mysal üçin, hereketsizlik bedeniň artykmaç agramly bolmagyna getirip bilýär. Kadadan daşary köp agram bolsa, dürli nähoşluklara sebäp bolýar. Şeýlelikde, yzygiderli maşk etmek ýa-da sport bilen meşgullanmak adam saglygyna oňyn täsir edýär. Golaýda «Allergy» žurnalynda çap edilen makalada fiziki hereketiň immuniteti güýçlendirýändigi, ýokanç keselleriň öňüni alýandygy bellenilýär.



**Öwliýäguly MÄMMEDOW,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň öwreniji mugallymy.*

## Germaniýada telegramma döwri tamamlandy

**Germaniýanyň poçta edarasy telegramma hyzmatlarynyň ýatyrylandygyny mälim etdi. Uzak aralyga habar ugratmakda onlarça ýyldan bäri ulanylýan aragatnaşygyň bu görnüşi häli-häzirlere çenli hem Germaniýada köpçülikleýin peýdalanylýardy. Poçta edarasy 2018-nji ýyldan bäri daşary ýurtlara telegramma iberilmeýändigini, täze ýyldan başlap ýurduň içinde hem bu hyzmatyň ýatyrylandygyny mälim etdi. Bu barada berlen beýanatda aýda ortaça 200-300 telegramma iberilýändigi, geçen ýylyň soňky gününde bolsa, ýatlama üçin soňky gezek 3 müň 228 telegramma iberilendigi mälim edildi. Germaniýada 160 harply (boşluklar hem hasap edilende) bir telegrammanyň bahasy 12,57 ýewro deňdir.**



**Bahar ATAÝEWA,**
***Türkmen döwlet medeniýet institutynyň mugallymy.***

## 80 göterimi elektroulag

Ýewropanyň nebit-gaz gorlaryna baý ýurdy bolan Norwegiýa dünýäde jan başyna iň köp elektroulag düşýän ýurt hasaplanýar. Geçen ýyl ýurtda satylan her bäş ulagyň dördüsi elektrik energiýasy bilen işleýär. Norwegiýanyň Gara ýollary federasiýasynyň resmi maglumatlaryna görä, «Tesla» yzly-yzyna ikinji ýyl iň köp elektroulag satan brend boldy.



Norwegiýa 2025-nji ýyla çenli benzin we dizel awtoulaglarynyň satuwyny ýatyran ilkinji ýurt bolmagy maksat edinýär. Bu maksada ýetmek üçin bolsa, elektroulag eýeleri salgytlardan boşadylýar. On ýyl ozal ýurtda satylýan ulaglaryň 2,9 göterimini elektroulaglar emele getiren bolsa, bu görkeziji 2021-nji ýylda 65 göterime, geçen ýyl bolsa, 79,3 göterime ýetdi. Brendler hasaba alnanda, «Tesla» (12,2 göterim) we «Volkswagen» (11,6 göterim) öňdeligi eýeleýär. Ýurtda iň köp satyn alnan ulag «Tesla»-nyň «Model Y» modeli bolup, ikinji ýeri «Volkswagen ID.4», üçünji orny «Skoda Enyaq» eýeleýär.

**Baýrammuhammet ATANEPESOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

# EKOLOGIÝA TAÝDAN ARASSA HEM-DE «AKYLLY» ŞÄHER

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ekologiýa abadançylygy ilatyň saglygyna täsir edýän möhüm ýagdaýdyr. Daşky gurşawyň arassa bolmagy ýaşaýyş ýerleriniň saglyga oňaýly täsirini şertlendirýär. Şu babatda Arkadag şäheri hem sebitde arassa şäherleriň biri bolar. Sergin howaly Köpetdagyň eteginde ýerleşmegi hem-de daş-töwereginiň ekerançylyk ýerleri, bag-bakjalyklar bilen gurşalmagy, şäheriň gurluşygynda ekologiýa taýdan arassa ýerli önümleriň peýdalanylmagy täze şäheriň ekolukmançylyk mümkinçiliklerini ep-esli derejede giňeldýär. Gahryman Arkadagymyzyň jemgyýetçilik başlangyçlary, gymmatly maslahatlarydyr möhüm tabşyryklary netijesinde täze, döwrebap Arkadag şäheri bagybossanlyga bürenýär. Şäheriň gurluşygynyň birinji tapgyrynyň meýilnamasyna laýyklykda, 288 gektara golaý meýdanda bag nahallaryny ekmek göz öňünde tutulýar. Bu bolsa ýaşyl zolaklaryň çäginiň ýeterlik derejededigini görkezýär. Ýurdumyzda geçirilen ählihalk agaç ekmek dabarasynyň çäginde hormatly Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde 5 müň düýpden gowrak bag nahalynyň ekilmegi hem aýdanlarymyzyň aýdyň güwäsidir. Şähergurluşyk maksatnamalarynda, taslamalarynda alnyp barylýan şeýle depginli işler, gazanylýan üstünlikler, halkymyz üçin döredilýän oňaýly şertler, ilkinji nobatda, Arkadagly Serdarymyzyň «Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen belent şygarynyň dabaralanmasy bolup, barha uly rowaçlyklara eýe bolýar.





Ekologiýa howpsuzlygyň talaplaryna laýyklykda guralýan bu döwrebap şäheriň golaýynda açyk asmanyň astynda «Organiki bakjalyk we onuň ekologiýa goşýan goşandy» atly okuw sapagy geçirildi. Oňa oba hojalyk pudagynyň 500-den gowrak hünärmeni, şeýle hem Bütindünýä rekordlary guramak boýunça geňeşçi gatnaşdy. Bu ýerde ählihalk bag ekişliginiň güýzki möwsüminiň çäklerinde Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda bag ekmek çäresi ýokary guramaçylyk derejesinde geçirildi.

Dünýäniň elektrobuslary, elektromobilleri we olara degişli enjamlary öndürýän kompaniýalarynyň täjirçilik teklipleri, bu ulaglaryň tehniki häsiýetnamalary hem-de olaryň deslapky zerur sany öwrenildi we häzirki wagtda olary satyn almak, ýurdumyza getirmek boýunça işler alnyp barylýar. Şunuň bilen birlikde, ähli amatlyklary bolan döwrebap awtotoplumy hem-de elektrik tok beriji beketleri gurmak göz öňünde tutulýar. Jemgyýetçilik ulaglarynda ornaşdyrylan enjamlar arkaly ýolagçylardan buýurmalar we tölegler sanly ulgamyň üsti bilen kabul ediler. Şeýle hem ulaglaryň ýol hatlary sanly ulgam arkaly ulanylar, olaryň hereketlerine sanly ulgam arkaly gözegçilik ediler. Mundan başga-da, ulanyljak elektrobuslarda ornaşdyrylan enjamyň mümkinçiliklerini peýdalanyp, şol ulaglaryň ugurlarynyň ýol çyzgylary, ugurlarynyň ady we belgisi, olaryň duralga gelmeli wagty baradaky maglumatlary öz içine alýan ýörite ykjam mobil programma üpjünçiligini döretmek meýilleşdirilýär.

Mälim bolşy ýaly, 2022-nji ýylyň 24-nji dekabrynda Gahryman Arkadagymyz Ahal welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, welaýatyň täze, döwrebap edara ediş merkeziniň – Arkadag şäheriniň gurluşygynda alnyp barylýan işler bilen gyzyklandy hem-de şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina edilmegi meýilleşdirilýän desgalaryň taslamalary bilen tanyşdy, degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Gahryman Arkadagymyz täze şäheriň ikinji tapgyrynda bina edilmegi meýilleşdirilýän dürli maksatly desgalaryň gurluşygyna başlamaga ak pata berip, bu işde häzirki zamanyň ösen dünýä tejribesiniň ulanylmalydygyny belledi, desgalaryň gurluşygynda täzeçil tehnologiýalaryň, sanly ulgamyň işjeň ulanylmalydygyna ünsi çekdi, şeýle hem gurluşyk işlerinde merkeziň ekologiýa ýagdaýyna möhüm ähmiýet berilmelidigini aýtdy. Şunda binalaryň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylmagy bilen baglanyşykly meselelere aýratyn üns berler. Merkeziň çäklerinde işler alnyp barlanda, «akylly» şäher konsepsiýasynyň düzgünlerinden ugur alnar, gurluşyk işlerinde ekologiýa taýdan arassa serişdeleriň ulanylmagy hem-de daşky gurşawyň abadançylygynyň üpjün edilmegi onuň esasy ugurlarynyň biridir. Merkeziň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina edilmegi meýilleşdirilýän desgalar toplumynyň hatarynda iki gatly ýaşaýyş jaý toplumynyň, seýilgäh zolaklarynyň, häzirki zaman kommunikasiýalar ulgamyna degişli döwrebap serişdeler zolaklarynyň, ýol hereketiniň statistiki hasabatlaryny elektron ulgam arkaly tabşyrmagyň programma üpjünçiligi bar.

Gurulýan binalaryň gurluşygynda sanly ulgamlary ornaşdyrmak işlerine hem-de daş-töweregini abadanlaşdyrmak we suw çüwdürimlerini gurmak işlerine aýratyn üns berilmegi netijesinde Ahal welaýatynyň Arkadag şäheri ekologiýa taýdan arassa hem-de «akylly» şäher bolar. Täze edara ediş merkeziniň açylyp ulanmaga berilmegi bolsa ýurdumyzyň durmuşynda taryhy waka öwrüler.

**Orazly ÇARYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Sanly elektronika we elektrotehnika» kafedrasynyň müdiri.*



## KATARYŇ DEŇINE ÝETDI

Geçen ýyl ABŞ suwuklandyrylan gaz eksportynda bu ugurda köp ýyldan bäri öňdeligi eýeleýän Katar bilen deňleşdi. Bilermenler ýurduň «Freeport» eksport terminalynyň gaýtadan işe girizilmegi bilen dünýäde bu ugurda birinji boljakdygyny belleýärler. Bu iki ýurduň her biri geçen ýyl 81,2 million tonna suwuklandyrylan tebigy gaz eksport etdiler. Şeýlelikde, ABŞ bu ugurda köp ýyldan bäri birinjiligi eýeleýän Kataryň ornuna şäriklik etdi. «Bloomberg» tarapyndan toplanan maglumatda iki ýurduň hem 81,2 million tonna suwuklandyrylan gazy eksport edendigi bellenilýär. Aslynda ABŞ geçen ýyl birinji bolmalydy. Emma Tehasdaky «Freeport» terminalynda ýüze çykan ýangyn sebäpli, bu desganyň işi togtadylypdy. ABŞ ilkinji suwuklandyrylan tebigy gaz eksportyny 2016-njy ýylda amala aşyrdy. Şondan soň ýurt suwuklandyrylan gaz bazarynda esasy bäsdeşleriň birine öwrüldi.

**Hüseýin ŞAÝIMOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy, hukuk ylymlarynyň kandidaty.*

## ÝAKYNDAN SURATA DÜŞÜRDI

Koreýa Respublikasynyň «Danuri» atly kosmos enjamy Ýeriň hemrasyny ýakyndan surata düşürdi. Ak-gara suratda Aýyň aňyrsynda Ýer hem görünýär. Ýurduň kosmos agentligi (KARI) bu barada ýaýradan beýanatynda Aýyň suratynyň 120 kilometr golaýyndan düşürilendigini mälim etdi. Beýanatda bu suratlaryň we wideoşekilleriň 2032-nji ýylda Aýa gonulmagy üçin ýer saýlamakda ulanyljakdygy mälim edildi. KARI emeli hemranyň Aýyň daşyndan iki sagatda bir aýlaw edýändigini, enjamyň Aýyň ýüzüniň kartasyny çykaryp, seljerjekdigini we geljek aýdan magnit güýjüni hem-de gamma şöhlelerini hem ölçäp başlajakdygyny mälim etdi. Şeýle hem «Danuri»-niň Ýere iberjek fotosuratlary we wideoşekilleri arkaly kosmos internetiniň synag maksatly ulanylyp görüljekdigi aýdyldy.



Kosmos pudagyna aýratyn ähmiýet berýän Koreýa 2032-nji ýyla çenli Aýa, 2045-nji ýyla çenli Marsa adamsyz uçuşlary amala aşyrmagy maksat edinýär.

**Abadan REÝSOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## SPORTUŇ TARYHY

Sport düşünjesi has irki döwürlerden gözbaş alýar. Bu söz gadymy fransuz dilinden gelip çykyp, «oýun, güýmenje» diýen manyny aňladýar. Ilkinji sport görnüşleri adamlaryň arasynda göwün açmak, şatlanmak üçin döredilipdir we oýnalypdyr. Häzirki wagtda dünýäde sportuň ýüzlerçe görnüşi mälimdir. Olar hem oýnalyş düzgüni boýunça ýekeleýin we toparlaýyn görnüşlere bölünýär. Sportuň iň gadymy bäş görnüşi ylgamak, göreş, ýaýdan ok atmak, boks we su çu hasaplanýar. Ylgamak we göreş Fransiýada ýüze çykan bolsa, ok atmak afrikaly ýaşaýjylaryň arasynda peýda bolupdyr. Boksuň bolsa gadymy Mesopotamiýada peýda bolandygy çaklanylýar. Su çu oýny bolsa Hytaýda ýüze çykypdyr. «Su» «aýagyň bilen depmek», «çu» «top» diýmegi aňladýar. Iň irki futbol hasaplanýan bu oýun topy bambuk tor bilen örtülen derwezä geçirmek arkaly oýnalypdyr. 2004-nji ýylda FIFA bu oýny futbolyň iň gadymy görnüşi diýip tassyklady.



**Bägül HOJANEPESOWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň talyby.*

## MÖWSÜMLEÝIN KESELLERIŇ ÖŇÜNI ALMAK ÜÇIN MASLAHATLAR

Bedeniň kesele garşy göreş ukybynyň ýokary bolmaklygyny gazanmak üçin sagdyn durmuş ýörelgesini berjaý etmeli. Bedenterbiýe we sport bilen meşgullanyp, sagdyn iýmitlenmeli. Ir säher bilen we agşamara arassa howada ýarym sagat ýöremeli.

Pasyllara görä geýinmeli we witamin C – askorbin turşusyna baý iýmitleri iýmeli (bally we limonly gök çaý, itburun demlemesi, alma, pyrtykal miwe şireleri, kelem, käşir we beýleki bakja önümleri).

Iş ýeriňizde we öýüňizde otaglaryň howasynyň tämiz bolmagyny gazanmaly. Onuň üçin penjiräni wagtal-wagtal açyp otagy ýelejiredip durmaly.

Möwsümleýin keselleriň öňüni almak üçin her hepdede gyzyl burçly unaş içmeli.

Dümewiň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutuň! Özbaşdak derman serişdelerini ulanmaň! Esasan hem, bu antibakterial serişdelerine degişli. Sebäbi, antibakterial serişdeleri wiruslara däl-de, bakteriýalara garşy ukyply.

Asgyrylanda, üsgürilende elýaglyk bilen agzyňy ýapmaly. Eliňizi elmydama arassa saklaň we ýygy-ýygydan sabyn bilen ýuwuň!

Bedeniň kesele garşy durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän itburun, çopantelpek, buýanyň köki ýaly dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhem çaýlary maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp içmeli.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 6-sy, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-110848

Belgisi: 1/1515
Tiražy: 6476
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# ATA WATANYMYZ ÜSTÜNLIKLERE BESLENÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu ýyl «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» kabul edildi. Şeýlelikde, halkymyzyň maksatly menzilleriniň her bir ädimi aýdyň boldy. Bu Maksatnamalarda ykdysadyýetimiziň we jemgyýetçilik durmuşymyzyň ähli ugurlarynyň geljekki ösüşli menzillerinde amala aşyrylmaly işler kesgitlenildi.



Hormatly Prezidentimiz ösüşli menzillerimizde ýaşlaryň ornuna uly ähmiýet berýär. Hut şonuň üçin hem 2022-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda geçirilen Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VII Gurultaýynda «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşiniň kabul edilmegi uly mana eýedir. Bu Kanun ýurdumyzda alnyp barylýan ýaşlar syýasatynyň hukuk binýadyny has-da pugtalandyrdy. Şeýle hem ýaşlaryň Watanymyzyň ösüşlerine goşant goşmak mümkinçiliklerini giňeltmäge ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň ýylyň dowamynda dünýäniň ýokary derejede ösen döwletleriniň Liderleri bilen geçiren möhüm duşuşyklary, ýurdumyzda geçirilen iri sammitler, halkara maslahatlar ýurdumyzyň halkara abraýyny has-da belende galdyrdy.

Türkmenistanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Türkiýe Respublikasynyň döwlet Baştutanlarynyň birinji üçtaraplaýyn sammiti dünýä halklarynyň ykdysadyýetinde ösüş döretjek gatnaşyklaryň başlangyjy hökmünde taryha girdi. Ýurdumyzyň daşary söwdada eýeleýän ornunyň pugtalandyrylmagyna gönükdirilen işler «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylymyzda gerimini has-da giňeltdi. Ýurdumyzyň 2022–2028-nji ýyllar döwri üçin BMG-niň Halkara söwda hukugy boýunça komissiýasynyň agzalygyna saýlanylmagy, Bütindünýä Söwda Guramasyna «goşulýan ýurduň» derejesini almagy geljekde bu ugurda netijeli işleriň gerimini has-da giňeltmäge ýardam eder. Ýurdumyzyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 97-nji plenar mejlisinde «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi halkara derejesinde Türkmenistanyň ähli babatda ynamly hyzmatdaş hökmündäki ornunyň barha berkeýändigininiň nobatdaky ykrarnamasy boldy. TÜRKSOÝ tarapyndan 2024-nji ýylyň guramanyň çäklerinde «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly», gadymy Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi hem ýurdumyzyň medeniýetine goýulýan belent sarpadan nyşandyr.



2022-nji ýylda «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny», «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny» tassyklamak hakynda Kararlara gol çekilmegi ýurdumyzy geljek 7 ýylda täze ösüşlere çykarmak ugrunda edilýän tagallalaryň aýdyň subutnamasydyr.

Ahal welaýatynyň ýaşaýjylarynyň we ýurdumyzyň raýatlarynyň isleg-arzuwlaryny hem-de jemgyýetçilik birleşikleriniň tekliplerini göz öňünde tutup, degişli kanunçylyga laýyklykda, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň 20-nji dekabrda kabul eden karary bilen, Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezine şäher derejesi berlip, «Ahal welaýatynyň Arkadag şäheri» diýlip atlandyrylmagy hem 2022-nji ýylyň möhüm wakalarynyň biri boldy.

**Mähri GOŞJANOWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

# TÜRKMEN-HYTAÝ GATNAŞYKLARY BARHA BERKEÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzyň daşary syýasaty iki ugurda, ýagny ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklar hem-de halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk görnüşinde alnyp barylýar. Şundan ugur alyp, dünýäniň dürli ýurtlary bilen syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady hem-de medeni-ynsanperwer gatnaşyklary we hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmekde degişli işler geçirilýär.

Hytaý Halk Respublikasy Türkmenistanyň ygtybarly we strategik hyzmatdaşlarynyň biri bolup, ikitaraplaýyn gatnaşyklar Garaşsyzlyk ýyllarynda anyk taslamalaryň durmuşa geçirilmegi netijesinde, belent sepgitlere çykdy. Şunuň bilen baglylykda, HHR bilen köptaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek we giňeltmek boýunça degişli çäreler alnyp barylýar.

2022-nji ýylda Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy bellenildi. Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky gatnaşyklaryň köpýyllyk taryhy bar. Şol döwürleriň dowamynda iki halkyň arasynda birek-birege düşünmek, medeniýetleriň, däp-dessurlaryň we dünýägaraýyşlaryň özara alyşmasy ýaly peýdaly ösüşler bolup geçdi. Birwagtlar ýurtlarymyzy birleşdiren Beýik Ýüpek ýoly diňe bir özara bähbitli söwda alyş-çalşygy däl-de, eýsem, giň siwilizasion gatnaşyklar üçin hem köpri boldy.

Hytaý ýurdumyzyň iri söwda hyzmatdaşy bolup, nebitgaz ulgamy hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biridir. Bu ulgamda eýýäm birnäçe iri taslama amala aşyryldy. 2009-njy ýylyň ahyrynda Türkmenistan – Hytaý strategik gaz geçirijisiniň ulanmaga berildi. Bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi deňhukuklylyga, özara artykmaçlyklara düşünmäge, gaz geçirijiniň işe başlamagy bilen açylan geljegi we mümkinçilikleri giňden görmäge esaslanan hakyky hyzmatdaşlygyň nyşany boldy. Häzirki wagtda bu gaz geçiriji HHR-e türkmen «mawy ýangyjynyň» uzak möhletleýin esasda iberilmegini üpjün edýär.

Türkmenistanda dürli ulgamlarda ýurdumyzyň hünärmenleri bilen bilelikde HHR-iň iri kompaniýalary işleýärler. Hytaý işewürleri Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda pagta, ýod, brom, nebit önümlerini we beýleki harytlary satyn alýarlar. Ulag, logistika, aragatnaşyk, sanly tehnologiýa ulgamlarynda hem gatnaşyklar giňeldilýär. Şeýle-de ýurdumyz söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmegi, hususan-da, ylym, bilim, medeniýet, saglygy goraýyş, sport, syýahatçylyk ugurly hyzmatdaşlygy ösdürmegi maksat edinýär. Söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemäge hem-de has ýakyndan hyzmatdaşlyk üçin amatly şertleri döretmäge gönükdirilen Hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-hytaý komitetiniň işi ikitaraplaýyn özara gatnaşyklary işjeňleşdirmäge ýardam berýär.

Türkmenistan Hytaý bilen diňe bir ikitaraplaýyn esasda däl, köptaraplaýyn esasda – iri halkara guramalaryň hem-de abraýly sebit düzümleriniň ugry boýunça, «Merkezi Aziýa – Hytaý» görnüşinde hem üstünlikli hyzmatdaşlyk edýär. Bu ýurtlaryň halklaryny türkmen halky bilen köpasyrlyk dostluk gatnaşyklary, medeni we ruhy däpleriň umumylygy birleşdirýär.

Türkmenistan we Hytaý abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, BMG-niň çäklerinde ählumumy howpsuzlygy, durnuklylygy we üznüksiz ösüşi üpjün etmek boýunça hyzmatdaşlyk etmek ýörelgesine ygrarlydyr. Hytaý Halk Respublikasy milli Liderimiziň öňe sürýän halkara başlangyçlaryny goldaýar, ýurdumyzyň oňyn Bitaraplyk derejesine esaslanyp, daşary syýasat boýunça ýöredýän ugruna hormat bilen garaýar.

Türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň strategik ugry hasaplanýan ylym-bilim we medeni ulgamlarda ikitaraplaýyn oňyn gatnaşyklar netijeli alnyp barylýar.

**Bägül ATAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*






# ÝAŞLAR SYÝASATY DABARALANÝAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde, ýurdumyzda ýaş nesil barada döwlet derejesinde edilýän aladalar özüniň oňyn netijesini berýär. Watanymyza, halkymyza, oňyn ýörelgelerimize, milli däp-dessurlarymyza wepaly, bilimini ýokarlandyrmaga, sport bilen meşgullanmaga, hünär öwrenmäge, zähmet çekmäge höwesli hem-de ruhubelent ýaşlar kemala gelýär.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek, ylmyň gazananlaryny durmuşa ornaşdyrmak babatda çynlakaý alada edip, ýaşlary kämil ylmyň we bilimiň ak ýoluna atarýar. Ýaşlaryň beýik döwrümiziň ruhuna kybap ösüp kemala gelmegi, isleg bildirýän hünärlerini öwrenip, mynasyp käre eýe bolmaklary we zähmetde, döredijilikde, ylymda öz ukyp-başarnygyny synap görmegi üçin giň mümkinçilikler açylýar.

Eziz Diýarymyzda halkymyzyň baý medeni mirasyny saklamak, dikeltmek we öwrenmek, milli gymmatlyklary, däp-dessurlary, maşgala edebini giňden wagyz etmek arkaly sagdyn, bilimli, ýokary aň-düşünjeli, watansöýüji ýaş nesiller üçin maksatnamalaýyn işler yzygiderli amala aşyrylýar. Bu ugurda Türkmenistanyň ýaş raýatlarynyň syýasy hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek, olaryň döwletiň we jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni durmuşyna işjeň gatnaşmaklaryny, şeýle hem olarda belent ruhy-ahlak ýörelgelerini emele getirmek, ösüp gelýän nesli watançylyk, ynsanperwerlik hem-de zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemek maksady bilen, 2013-nji ýylyň 29-njy awgustynda «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi, ýurdumyzda ýaşlaryň döwlet tarapyndan goldanylmagy we ösdürilmegi babatda uly itergi berdi. Elbetde, munuň esasy özenini bolsa Esasy Kanunymyzda berkidilen kadalar emele getirýär. Konstitusiýamyzyň 40-njy maddasynda: «Döwlet ýaşlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň amala aşyrylmagy üçin şertleri döredýär we olaryň hemmetaraplaýyn ösüşine ýardam edýär» diýlip bellenilen. Bu bolsa aýdylanlara doly şaýatlyk etmek bilen bir hatarda, ýurdumyzda ýaşlaryň hukuklarynyň we döwlet goldawynyň kanunçylyk binýadyny düýpli berkitdi. Geçen ýylyň 14-nji iýunynda talyp ýaşlar üçin ýatdan çykmajak wakalaryň biri bolup geçdi. Çünki Gahryman Arkadagymyz Maslahatlar merkezinde ýaşlaryň gatnaşmagynda döwlet ýaşlar syýasatynyň, bu ulgamda milli kanunçylygy mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň ileri tutulýan meselelerine bagyşlanan maslahat geçirdi. Onda ýaşlar hakynda Kanunyň taslamasyna seretmek bilen Gahryman Arkadagymyz talyp ýaşlaryň birnäçe tekliplerini diňläp olar bilen söhbetdeş boldy. Bu bolsa ýaşlary has-da guwandyrýar. Güýz paslynyň ilkinji gününde bolsa Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VII gurultaýynda hormatly Prezidentimiziň ýaşlar bilen duşuşmagy, şeýle-de ol ýerde ýaşlaryň ykbal göteriji tekliplerini tassyklaýan «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşine gol çekip bermegi ýaşlaryň bagtyny äleme ýaýdy.

Ýurdumyzda bolup geçýän özgerişlikler halk bähbidine gönükdirilip, beýik geljek üçin amala aşyrylýar. Beýik geljegimiz bolsa şu günki ýaşlardyr. Olaryň bilim derejesi näçe ýokary boldugyça, ykdysadyýetde, syýasatda, medeniýetde, sungatda gazanyljak üstünlikler hem şonça ýokary bolar.

Hormatly Prezidentimiziň ýaşlar barada edýän bimöçber aladalaryna jogap edip, ýaşlara bildirýän uly ynamyny ödemek üçin Arkadagly Serdarymyzyň çuň manyly her bir sözünden, belent nusgalyk şahsy göreldesinden ugur alyp, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda öňde goýlan ägirt uly wezipeleri durmuşa geçirmekde, ýaşlary döwrebap terbiýelemekde has önjeýli we yhlasly zähmet çekiljekdigi şübhesizdir.

Ýaşlara okamaga, öwrenmäge, döredijilik hem-de sport bilen meşgullanmaga giň mümkinçilikleri we şertleri döredip berýän, türkmen ýaşlaryny baky bagtyýarlyga alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlarynyň sag, başlarynyň dik bolmagyny, şeýle-de il-ýurt, döwlet ähmiýetli işleriniň rowana ýollarda rowaçlyklara beslenmegini tüýs ýüregimizden arzuw edýäris.

**Çowdur ŞYHYÝEW,**
*TKA-nyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň hukuk gözegçisi.*

# ÝAŞLAR – ÝURDUMYZYŇ RÖWŞEN GELJEGI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bellenilişi ýaly, her ýyly döwrebap atlandyrmak baradaky asylly däbe eýerip, ýurdumyzyň ministrliklerinde, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda, iri jemgyýetçilik birleşiklerinde geçirilen maslahatlarda 2023-nji ýyly «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýip atlandyrmak hakynda köp sanly teklip öňe sürüldi. Bu teklipler ähli halk tarapyndan giňden goldanyldy.

Watanymyzyň gülläp ösmeginde ýaşlar uly güýç bolup durýar. Ýurdumyzda ýaşlar üçin ähli şertler döredilip, olara jogapkärli wezipeler ynanylýar. Şonuň üçinem Täze ýylyň şygarynyň bagtyýar ýaşlarymyzyň ady bilen bagly bolmagy döwrüň öňe çykaran derwaýyslygydyr. Çünki buýsanyp aýdyşymyz ýaly, ýaşlar biziň şu günümiz, geljegimizdir.

Dogrudan-da, Arkadagly Serdarymyz hemmämize, ylaýta-da, ýaş nesle görelde bolýar. Hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan beýik işleri diňe bir ýurdumyzyň çäginde däl, dünýä derejesinde-de nusgalyk bolup durýar. Mähriban Watanymyzyň ähli ugurlarda gazanýan üstünliklerini artdyrmakda, aýratyn-da, bilim ulgamyny kämilleşdirmäge we ýaş nesli mynasyp terbiýeläp ýetişdirmäge degişli örän wajyp wezipeler öňde goýulýar. Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz şu ýylyň 14-nji iýunynda Maslahatlar merkezinde ýaşlaryň gatnaşmagynda geçiren maslahatyndaky çykyşynda: «Geljekki nesil hakynda alada – munuň özi ertirki güne iň bir ygtybarly, akylly-başly maýa goýumydyr, bilim ulgamy, ilkinji nobatda, ýaşlar syýasatydyr, ertirki günüň aladasydyr» diýip, aýratyn nygtady. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň röwşen geljegi bolan ýaşlara uly ynam bildirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Döwlet tarapyndan ýaşlaryň dünýäniň abraýly we öňdebaryjy ýokary okuw mekdeplerinde bilim almaklary üçin zerur mümkinçilikleriň döredilmegi häzirki döwrüň möhüm talaby bolup durýar. Ýurdumyzyň zehinli ýaşlaryny, ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň buýurmalaryna laýyklykda, ykdysadyýetimiziň möhüm ugurlary boýunça daşary ýurt döwletleriniň abraýly ýokary okuw mekdeplerine okuwa ibermek işi ýola goýuldy. Şeýle hem birnäçe ýylyň dowamynda hökümetara ylalaşyklar we degişli maksatnamalar esasynda, Wengriýa, Rumyniýa, Hytaý we beýleki döwletlerde türkmen ýaşlarynyň dürli ugurlar boýunça bilim almaklaryna giň mümkinçilikler döredilýär.




Häzirki wagtda ýaşlary hakyky watançylyk, ynsanperwerlik, ýokary ahlaklylyk, Watana we şöhratly taryhymyza, halkymyzyň medeniýetine, däp-dessurlaryna, maşgala gymmatlyklaryna hormat goýmak ruhunda terbiýelemek, ylym-bilime höwesini artdyrmak Arkadagly Serdarymyzyň durmuşa geçirýän ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň esasy ugry bolup durýar. Şu maksat bilen ýaşlaryň döwrebap bilim almagy, zehinini ösdürmegi, hünär taýdan kämilleşmegi, eziz Watanymyza wepaly şahsyýetler bolup ýetişmegi üçin ähli şertler döredilýär. Halkymyzyň gadymdan gelýän dessurlarynyň biri bolan halypa-şägirtlik ýörelgesi mynasyp dowam etdirilýär.

Ýaşlarymyzyň bu asylly maksadyna ýetmeklerine ýardam etmekde Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen geçen ýyl kabul edilen «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» möhüm gollanma, ýol görkeziji bolup hyzmat edýär. Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň esasy ýörelgelerini, maksatlaryny we wezipelerini hem-de esasy ugurlaryny özünde jemleýän bu Maksatnamada ýaş nesillere döwlet goldawynyň möhüm ugurlary beýan edilýär. Hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda ýaňy-ýakynda geçirilen gurultaýda bolsa bu ugurda alnyp barylýan işleriň hukuk binýady has-da berkidildi: «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşi kabul edildi.

**Akmuhammet ÇÜRIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# SANLYLAŞDYRMAK – YKDYSADYÝETI DURNUKLY ÖSDÜRMEGIŇ NETIJELI GURALY



Ykdysadyýet adamyň gündelik durmuşynyň bir bölegidir. Adamlar gündelik durmuşlarynda ykdysady adalgalary peýdalanýarlar, maddy gymmatlyklary döredýärler we sarp edýärler. Maddy nygmatlary öndürmek, paýlamak, alyş-çalyş we sarp etmek boýunça adamlaryň arasynda emele gelýän gatnaşyklar ykdysady gatnaşyklaryň ulgamyny düzýär.

Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde eýeçilik gatnaşyklarynyň kämilleşmegi, olaryň üýtgedilip gurulmagy, eýeçiligiň köp görnüşliligine geçilmegi, hususyýetçiligiň ösdürilmegi ýaly meseleler örboýuna galýar. Bu ýagdaý ykdysady ulgamda amala aşyrylýan özgertmelere täzeçe çemeleşmeleri talap edýär.

Gahryman Arkadagymyz dünýä döwletleriniň tejribesini öwrenip halkymyzyň däp-dessurlaryndan, ýurdumyzyň ykdysady aýratynlyklaryndan ugur almak bilen biziň döwletimiziň bazar ykdysadyýetine geçmegiň ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuşy üçin bähbitli bolan nusgasyny saýlap aldy. Bu nusganyň esasy aýratynlygy bolsa, onda bazar ykdysadyýetine geçmekde durmuş meseleleriniň öňdäki orunda goýulmagydyr. Biziň ýurdumyzda bazar ykdysadyýetine geçilmeginiň ýene-de bir aýratynlygy bu işi döwletimiziň doly öz üstüne almagydyr. Gahryman Arkadagymyz durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýeti şertlerinde döwletiň wezipesini şeýle beýan edýär:

– döwlet raýatlaryň mynasyp we howpsuz ýaşaýşynyň kepili bolup durýar;

– döwlet durnuklylygy we ähli ýagdaýlaryň hukuga laýyklygyny üpjün etmek maksatlary bilen bazar ykdysadyýetiniň dolandyrylyşyny öz eline alýar, olar öz nobatynda durmuş institutlaryna täsir edýärler.

«Sanly ykdysadyýet» adalgasy ilkinji gezek 1995-nji ýylda ABŞ-nyň Massaçusets uniwersitetiniň alymy Nikolas Negroponte tarapyndan teklip edilýär. Ol bu adalgany şol döwürde täze kemala gelýän ykdysadyýetiň artykmaçlyklaryny häsiýetlendirmek üçin ulanypdyr we ozalky ykdysadyýet bilen deňeşdirilende, onda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryň ähmiýetiniň artýandygyny delillendirmegi başarypdyr.

Sanlylaşdyrmak ykdysadyýeti hil taýdan ösdürmegiň hem-de dolandyrmagyň netijeli guralydyr. Hususan-da, sanly çemeleşmeleriň, ilkinji nobatda, adamlaryň durmuşyny ýeňilleşdirmäge gönükdirilendigini hasaba alsak, onda onuň jemgyýeti özgerdiji güýçdigine, ösüşi üpjün edýän möhüm ugurdygyna göz ýetirmek bolýar.

Sanly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýasy ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda oňyn özgertmeleriň amala aşyrylmagy üçin sarp edilýän wagty azaldýar. Şonuň üçin hem sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi umumy döwlet ähmiýetli mesele hasaplanylýar. Ýurdumyzda sanly ykdysadyýete geçmek Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 30-njy noýabryndaky Karary esasynda kabul edilen «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» ykdysadyýetimiziň sanly tehnologiýalara esaslanyp innowasion ösüşinde möhüm ähmiýete eýe bolan resminamalaryň biridir. Munuň şeýledigine Prezident Maksatnamasyndaky: «Maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň mümkinçilikleriniň giňden peýdalanylmagy sanly ykdysadyýete tapgyrlaýyn geçmek üçin şertleri döretmek bilen, döwlet dolandyryşynyň hilini we netijeliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer, ykdysadyýetiň binýatlyk pudaklarynyň we täze toplumlarynyň bäsdeşlige ukyplylygynyň üpjün edilmegi bolsa, ykdysady ösüşe saldamly goşandy üpjün eder» diýen sözlerden hem aýdyň göz ýetirmek bolýar.

Sanly ykdysadyýetiň innowasiýa esaslanan durnukly ösüşi berk binýatly ylym-bilim ulgamy hem-de maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryň döredilmegi we olaryň özara sazlaşykly, oýlanyşykly ulanylmagy netijesinde mümkin bolýar.

**Güýçmyrat SOLTANMYRADOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň «Jemgyýeti öwreniş ylymlary» kafedrasynyň uly mugallymy,*
**Amangül HOJAGELDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň «Bank işi» fakultetiniň maliýe we karz taýýarlyk ugrunyň 2-nji ýyl talyby.*

# DÜNÝÄ HABARLARY

gysga setirlerde

► **Esasy ugruny kesgitledi.** Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Oliý Mejlisde eden ýyllyk ýüzlenmesinde ýurduň ösüşiniň esasy ugruny kesgitledi. Onuň sözlerine görä, adam hakda alada we ýokary hilli bilim 2023-nji ýylda Özbegistanyň esasy ileri tutýan ugurlarynyň biri bolar.



► **Rus diliniň ýyly diýip yglan etdi.** Täjigistanyň Prezidenti Emomali Rahmon 2023-nji ýyly ýurtda rus diliniň ýyly diýip yglan etdi. Prezidentiň sözlerine görä, häzirki wagtda respublikada rus diliniň okadylyşyny ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Täjigistanda rus dilinde sapak berilýän 39 mekdep bolup, 27 müň okuwçy okaýar.



► **Auksiona çykaryldy.** Uels şazadasynyň merhum aýaly Diananyň 1987-nji ýylda kireýine dakynan gyrmyzy göwheri «Sotheby's» auksionyna çykaryldy. Bu bezeg «Asprey & Garrard» bezeg kompaniýasynyň öňki baş müdiri Naim Attallahyň adyny göterýär. Gymmat bahaly bezeg Attallaha degişli bolup, gyzy Ramzä miras galypdyr.



► **Iň köp satylan krossowkalar.** 2022-nji ýyl «Nike Dunk Low Panda» krossowkasy dünýäde iň köp satylan sport aýakgaby boldy. Ondan soň, «Air Jordan 1 Retro High OG Patent Bred», «Adidas Yeezy Boost 350 V2 Beluga Reflective» we «Adidas Yeezy Boost 350 V2 Bone» ýaly krossowkalar gelýär.



► **Suwuň ýaşyny kesgitlediler.** Fransiýanyň we Hytaýyň astrofizikleri Ýerdäki suwuň ýaşyny kesgitlediler. Barlaglar suwuň Gün ulgamy bilen bir wagtda, ýagny azyndan 4,5 milliard ýyl ozal peýda bolandygyny görkezdi diýip, «GeoScience World» habar berýär. Suw wodoroddan, geliýden, ugleroddan dörän bulutdan peýda bolupdyr.



► **Ýerine ýetiriji direktory çalşar.** «Visa Inc»-iň baş ýerine ýetiriji direktory Alfred Kelli wezipesinden çekiler. Şu ýylyň 1-nji fewralynda onuň ýerini kompaniýanyň häzirki prezidenti Raýan Makinerniniň eýelejekdigi habar berilýär. Alfred Kelli direktorlar geňeşiniň ýerine ýetiriji başlygy hökmünde kompaniýada galar.



► **Beýni çipleri synag ediler.** «Neuralink» kompaniýasy şu ýyl beýni çiplerini adamlarda synag edip başlar. Bu barada kompaniýanyň başlygy Ilon Mask habar berdi. Adam beýnisine berkidiljek enjam pikiriň güýji arkaly kompýuteri ýa-da smartfony dolandyrar. Geljekde bu oýlap tapyş aýratyn talaplary bolan adamlaryň işini ýeňilleşdirer.



► **«Tesla» rekordyny täzeledi.** Elektroulag öndürýän «Tesla» kompaniýasy geçen ýylyň dowamynda müşderilerine rekord mukdarda – 1 313 851 awtoulag iberdi. Bu görkeziji 2021-nji ýyldakydan 40 göterim köpdür. Şeýlelikde, «Tesla» geçen ýyl elektroulag satuwyndaky rekordyny täzeledi.





# Alen Berse kasam kabul etdi

1-nji ýanwarda Şweýsariýanyň Sosial-demokratik partiýasyna wekilçilik edýän içeri işler ministri Alen Berse ýurduň Prezidenti wezipesine girişdi. Ol 2023-nji ýylyň dowamynda ministr wezipesi bilen birlikde Prezident ygtyýarlyklaryny hem ýerine ýetirer. Prezident saýlawlary 2022-nji ýylyň 7-nji dekabrynda parlamentiň iki palatasynyň bilelikdäki maslahatynda geçirildi. Alen Berse daşary işler ministri Inýasio Kassisanyň ýerine Prezident boldy.

Berse 1972-nji ýylyň 9-njy aprelinde Şweýsariýanyň günbataryndaky Fribur kantonynda dünýä indi. Onuň ykdysadyýet boýunça doktorlyk derejesi bar. Berse 2012-nji ýyldan bäri içeri işler ministrligine ýolbaşçylyk edip, bu ministrlik, esasan, sosial üpjünçilik, saglyk we medeniýet pudaklaryna jogap berýär. Mundan öň, 2018-nji ýylyň dowamynda Prezident bolup işlän Berseniň bu wezipä täzeden saýlanmagy onuň syýasy terjimehalynda ikinji gezek gaýtalanýar. Ýurtda



hereket edýän kanuna görä, Prezident bir ýyldan köp işlemeýär. Mundan başga-da, Şweýsariýanyň raýatlygy bolmaly we Kabinetde araçy hökmünde çykyş etmeli.

Şweýsariýa 2023-nji ýylda özüniň daşary syýasatynda Ýewropa Bileleşigi bilen gatnaşyklary hem-de BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi bilen hyzmatdaşlyklary ileri tutmagy maksat edinýär. Çünki ýurt 2023-2024-nji ýyllar üçin BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşine hemişelik däl agza hökmünde saýlandy.

Şweýsariýada Prezidentiň wezipesi ýedi ministrden ybarat bolan Federal geňeşiň agzalary tarapyndan gezekli-gezegine eýelenilýär. 7-nji dekabrda geçirilen saýlawlaryň netijesi hökümetdäki iň uly dört partiýanyň ylalaşygy bilen kesgitlenildi. Şweýsariýanyň Prezidenti döwlet Baştutany hökmünde Federal geňeşiň erk-ygtyýarlygyny berjaý edýär. Prezident, sesleriň deňligi bilen hökümetiň maslahatlaryna başlyklyk edip, onuň pikiri aýgytly hasaplanýar. Şeýle hem ol Şweýsariýa sapar bilen gelýän daşary ýurt döwletleriniň ýolbaşçylaryny kabul edýär.

# Üçünji gezek Braziliýanyň Prezidenti boldy

**1-nji ýanwarda Braziliýada üçünji gezek döwlet Baştutany wezipesine saýlanan Luis Inasiu Lula da Silwanyň kasam kabul ediş dabarasy geçirildi. Lula da Silwa 2003-nji ýyldan 2011-nji ýyla**



**çenli ýurda ýolbaşçylyk edipdi. Indi ol 2023-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan 2027-nji ýylyň 4-nji ýanwaryna çenli bu wezipäni eýelär.**

**Milli Kongresiň binasyna gitmezden ozal, Lula da Silwa we täze wise-prezident Jeraldo Alkmin ýurduň paýtagtynyň köçelerinden üsti açyk awtoulagda geçdiler. Olary müňlerçe tarapdarlary tolgunmak bilen garşy aldylar. Ol ýurduň Milli Kongresinde geçirilen kasam kabul ediş dabarasynda eden çykyşynda «Konstitusiýany goramagy, kanunlary berjaý etmegi, Braziliýanyň bitewüligini we Garaşsyzlygyny goramagy wada berýärin» diýdi.**

**Şol gün döwlet Baştutany ministrlikleriň sanyny 37-ä çenli köpeldip, täze hökümetiň gurluşyny tassyklady. Täze kabinetde Braziliýanyň dokuz sany syýasy partiýasynyň wekilleri bar. Lula da Silwanyň kasam kabul ediş dabarasyna dünýäniň 65 ýurdunyň wekiliýeti, şol sanda, 17 ýurduň döwlet Baştutany gatnaşdy.**

**Lula da Silwa 2022-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda Braziliýada geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda ýeňiş gazandy. Oňa saýlawçylaryň 50,9 göterimi ses berdi, bu oňa ýurduň ilatynyň 49,1 göterimi tarapyndan goldanan bäsdeşi, öňki döwlet Baştutany Žair Bolsonarudan öňe geçmäge mümkinçilik berdi.**

**Şeýlelikde, absolýut sanlarda Lulanyň artykmaçlygy 2,14 million sesden ybarat boldy. Saýlawlara ses bermäge hukugy bolan 156,4 million raýatdan 118,55 milliony gatnaşdy.**

# Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň başlygy boldy

1-nji ýanwarda Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň başlyklygy Çehiýadan Şwesiýa geçdi. «Şwesiýa 2023-nji ýylyň birinji ýarymynda Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşine ýolbaşçylyk eder we Ýewropa Bileleşiginiň beýleki guramalary bilen gepleşiklerde 27 agza döwletiň hemmesine wekilçilik eder» diýlip, Ýewropa Bileleşiginiň metbugat gullugy habar berýär.

Brýusselde we Lýuksemburgda Şwesiýanyň başlyklygy döwründe 2000-e golaý ýygnak, şeýle hem Şwesiýanyň dürli ýerlerinde 150 töweregi resmi däl ýygnak geçiriler. Şwesiýa Ýewropa Bileleşigine ýolbaşçylyk eden döwründe howpsuzlyk, ýaşyl geçiş, bäsdeşlik ukyby we kanunyň hökmürowanlygy ýaly esasy dört ugry ileri tutar. Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň başlyklygy her alty aýdan üýtgeýär. Şwesiýadan soň bu wezipäni Ispaniýa ýerine ýetirer.



Patyşalyk üçünji gezek Ýewropa Bileleşigine başlyklyk edýär. Ondan öň Şwesiýa 2001-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan 30-njy iýunyna çenli we 2009-njy ýylyň 1-nji iýulyndan 31-nji dekabryna çenli Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşine başlyklyk etdi. Şwesiýanyň Premýer-ministri Ulf Kristerssonyň pikiriçe, başlyklyk edýän ýurt hökmünde Şwesiýanyň esasy wezipesi «Ýewropanyň howpsuzlygyna goşant goşmakdan ybaratdyr. Şeýle hem Şwesiýanyň Premýer-ministri bu döwürde öz ýurdunyň gazylyp alynýan energiýa serişdelerinden ýüz öwürmek maksady bilen Ýewropanyň gidroelektrik, ýel, Gün we wodorod önümçiliginiň artdyrylmagyna goldaw bermek isleýändigini mälim etdi. Mundan başga-da, Şwesiýanyň Hökümeti ylmy-barlag we taslamalar üçin maýa goýumlaryny artdyrmagy zerur diýip hasaplaýar.

# Täze pullar we şaýylyklar HÖDÜRLENDI

Angliýa Banky Beýik Britaniýanyň täze Koroly Karl III keşbi şekillendirilen şaýylyklaryň dizaýnyny hödürledi. Olarda Korolyň keşbi 2 we 5 funtluk gymmatlykdaky şaýylyklarda, şeýle-de 50 pensde orun alypdyr.

— Onuň keşbi şekillendirilen her bir şaýylyk, ýokary hili bilen tapawutlanýar – diýip, patyşa zikgehanasynyň ýerine ýetiriji direktory Enn Jessopp belledi.

Karlyň 75 ýaşyna bagyşlanan 5 funtluk şaýylykda Patyşanyň tebigata bolan söýgüsini görkezýän dub ýapraklary we delfinium gülleri şekillendirilen. 2 funtluk şaýylyklaryň arka tarapy ýazyjy Jon Ronald Ruel Tolkine we 1934-nji ýylda dünýä tizligi boýunça rekord goýan «Uçýan şotlandiýaly» atly bug lokomotiwiniň ýüz ýyllygyna bagyşlanypdyr. 50 penslik şaýylyk Milli saglyk gullugynyň 75 ýyllygyna we Ikinji jahan urşundan soň ýurda çagyrylan «Windraş nesli» diýlip atlandyrylýan immigrantlara bagyşlanypdyr. Heniz dolanyşyga girmedik bu şaýylyklary «Royal Mint» web sahypasynyň üsti bilen satyn alyp bolýandygy hem habar berilýär.

Şeýle hem golaýda Angliýa Banky Beýik Britaniýanyň täze Koroly Karl III banknot dizaýnyny hödürledi. Bankyň web sahypasynda ýerleşdirilen beýanata görä, patyşanyň keşbi 5, 10, 20 we 50 funtluk polimer banknotlarda peýda bolar. Patyşanyň şekili bolan banknotlaryň 2024-nji ýylyň ortalaryna dolanyşyga girmegine garaşylýar. Patyşa Karl III we merhum Şa zenan Ýelizaweta II şekilleri bolan şaýylyklar



hem-de banknotlar Beýik Britaniýada we britan monarhynyň formal döwlet Baştutany bolup galýan beýleki ýurtlarynda dolanyşykda bolar. Angliýa Bankynyň habaryna görä, merhum Şa zenany Ýelizaweta II keşbi bolan pullar könelýänçä ýa-da zaýalanýança kanuny töleg serişdesi bolup galar.

Beýik Britaniýanyň Şa zenany Ýelizaweta II 8-nji sentýabrda Şotlandiýanyň Balmoral galasynda 96 ýaşynyň içinde aradan çykdy. Şondan soň onuň ogly Şazada Çarlz ejesiniň ornuna geçip, Korol Karl III adyna eýe boldy. Ýelizaweta II 19-njy sentýabrda Windsor galasynyň meýdançasyndaky Georg VI buthanasynda jaýlandy.

# GDA-nyň başlyklygyny kabul etdi

2023-nji ýylda GDA-nyň başlyklygy Gazagystandan Gyrgyzystana geçdi. Respublikanyň Prezidenti Sadyr Japarow öz ýurdunyň Arkalaşygyň başlygy hökmünde GDA agza ýurtlaryň arasynda hoşniýetli goňşuçylygy we ynamy berkitmäge aýratyn üns berjekdigini aýtdy.

Bişkegiň başlyklygy baradaky karar 14-nji oktýabrda GDA-nyň Astanada geçirilen sammitinde kabul edildi. Russiýa bilen Gazagystan onuň egindeş başlyklary bolar. Ozal Arkalaşygyň Ýerine ýetiriji komitetiniň başlygy Sergeý Lebedew Gyrgyzystanyň geljekki başlyklygy öz üstüne almaga taýýardygyny tassyklapdy.

Japarow Astanada geçirilen sammitde GDA ýurtlarynyň arasynda ulag, aragatnaşyk, migrasiýa syýasaty, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk, halkara başlangyçlaryň we döwletara maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi ýaly ugurlarda hyzmatdaşlygy goldamak we ösdürmek üçin tagallalaryň gönükdirilmeginiň möhümdigini aýtdy. Onuň sözlerine görä, Gyrgyzystan dürli ugurlarda Arka-



laşygyň ýurtlarynyň kanunçylygyny mundan beýläk-de ýakynlaşdyrmak üçin GDA agza ýurtlaryň arasynda parlamentara hyzmatdaşlygy güýçlendirmäge tagalla eder.

Ol gyrgyz tarapynyň öz başlyklygy döwründe GDA giňişliginde dürli derejeli integrasiýa gurluşlarynyň arasynda özara täsiriň giňelmegi we çuňlaşdyrylmagy bilen birek-biregiň bähbitlerine hormat goýmak esasynda gatnaşyjy döwletleriň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylyk we ygtybarly gatnaşyklary berkitmäge hemişe uly üns berer diýip belledi.

Sadyr Japarow bu tapgyrda howanyň üýtgemegi, daşky gurşawy goramak, ekologiýa we durnukly ösüş meseleleri bilen baglanyşykly meseleleriň ileri tutulýandygyny aýtdy. Japarowyň tassyklamagyna görä, GDA ýurtlary daşky gurşawy goramak, ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalary ornaşdyrmak, ýaşyl ykdysadyýetiň paýyny ýokarlandyrmak ýaly bilelikdäki taslamalary we maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin halkara guramalary bilen işjeň gepleşik geçirmeli.

# GADYMY ŞÄHER DIKELDILER

Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuh hökümete Mongol şadöwletiniň gadymy paýtagty bolan Garagurum şäherini dikeltmegi tabşyrdy. Döwlet Baştutany bu barada degişli karara gol çekdi. Resminamada bu başlangyjyň adamlaryň sagdyn we howpsuz gurşawda ýaşamagyna, esasy hyzmatlara elýeterliligi giňeltmegine we sebitleriň deňagramly ösüşini üpjün etmäge gönükdirilendigi bellenilýär. Karara laýyklykda, hökümet taryhy Garagurumyň çäginde şähergurluşygynyň meselelerini öwrenmeli, bu ugurdaky taslamany taýýarlap, ony parlamente teklip etmeli hem-de çägi ösdürmegiň Baş maksatnamasyny işläp düzmeli bolar.

Garagurum 1220-nji ýyldan



1267-nji ýyla çenli Mongol şadöwletiniň paýtagty bolupdyr. Şäher Çingiz hanyň gonalgalarynyň biriniň ýerinde esaslandyrylýar. Paýtagt Çingiz hanyň ogly we mirasdüşeri Ugedeý tarapyndan esaslandyrylyp, gurluşyk Munke hanyň döwründe tamamlanýar.

Mongol sähralygynda gurlan Garagurum dört derwezeli galaly şäher bolup, 1235-nji ýylda bu ýerde köşk gurlandan soň söwda we dolandyryş merkezi, şeýle hem şa diwany bolup hyzmat edýär.

Häzirki wagtda şäheriň ornunda Garagurum taryhy muzeýi ýerleşýär we şäheri gurşap alan Orhon derýasynyň jülgesiniň medeni landşafty ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilendir.

# Şengen sebitine goşuldy

**Horwatiýa 2023-nji ýyly täze walýuta bilen garşylady. 1-nji ýanwardan başlap ýurt ýewro pul birligine geçdi. Ýewropanyň ýeke-täk walýutasynyň tapgyrlaýyn, ýöne çalt ornaşdyrylmagynyň çäginde bankomatlaryň ýarysyndan gowragy täze banknotlary paýlamak maksady bilen öçürilip, täzeden işe girizildi. Horwat kunasy we ýewro nagt tölegler üçin diňe 14 günüň dowamynda deň derejede ulanylar. Iki hepdäniň dowamynda ýewro ýuwaş-ýuwaşdan ýerli walýutanyň, kunanyň ornuny tutar.**



**Mundan başga-da, 2023-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Horwatiýa Şengen sebitine resmi taýdan goşuldy. Bu ýagdaý adamlaryň goňşy Ýewropa Bileleşigi ýurtlarynyň arasyndaky serhetden pasport gözegçiliksiz geçip biljekdigini aňladýar. Emma Horwatiýanyň Bosniýa we Gersegowina ýaly Ýewropa Bileleşigine girmeýän döwletler bilen serhetlerine has berk gözegçilik ediljekdigini aňladýar, sebäbi indi Horwatiýa arkaly Şengen sebitiniň beýleki ýurtlaryna girmäge mümkinçilik açylýar. Şengene agza ýurtlarda, takmynan, 420 million adam ýaşaýar. Serhet gözegçiligi bolmadyk bu sebit dünýäniň iň uly erkin syýahat zolagydyr. Şeýle hem hünärmenleriň pikiriçe, Horwatiýanyň Şengen sebitine girmegi jemi içerki önümiň 20%-ini eýeleýän ýurduň syýahatçylyk pudagyna ep-esli itergi berer.**

# TARYHDA ŞU GÜN

**■ Nemes alymy Paul Nipkow mehaniki telewideniýe üçin esas bolan «elektrik teleskopy» oýlap tapýar. Alymyň «teleskopik görüş» üçin mehaniki ulgamy ulanmak ýörelgesine ygtyýarnama almak üçin arzasy 1884-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda berilýär.**



# Düwlenler üçin dikeldiş merkezi açylar

**Ekologik başlangyçlary goldamak we ösdürmek boýunça «Kompas» gaznasy Dagystanyň döwlet uniwersitetiniň Ekologiýa we durnukly ösüş instituty bilen bilelikde Hazar düwlenlerini goramak boýunça toplumlaýyn maksatnamany döretmegi meýilleşdirýär. Deňiz jandarlaryny halas etmek ugrunda çäreleriň biri hem olaryň saglygyny dikeldiş merkezini açmakdyr diýlip, gaznanyň metbugat gullugy habar berdi.**



**Şeýlelikde, «Kompas» gaznasy, ady agzalan institutyň alymlary bilen bilelikde Hazar düwlenlerini öwrenmek we gorap saklamak boýunça giňişleýin maksatnama işläp düzüp başlady. Ekologlar we alymlar Hazar deňziniň ekoulgamynda möhüm orun eýeleýän Gyzyl kitaba girizilen bu jandaryň azalmagynyň öňüni almagy maksat edinýärler. Taslamanyň çäklerinde keselli we balykçylaryň toruna düşüp ýaralanan düwlenler üçin dikeldiş merkezini döretmek meýilleşdirilýär.**

**Düwlenleri halas etmek boýunça maksatnama ýerli balykçylar we talyp meýletinçiler gatnaşar. Ylmy-barlag işleri şu aýyň içinde başlanar. Hazar düwlenleri Hazar deňziniň ýeke-täk süýdemdirijisi bolup, 2008-nji ýylda Halkara tebigaty goramak bileleşigi tarapyndan ýitip ýok bolmak howpy abanýan görnüş hökmünde hasaba alyndy. 2015-nji ýylda Dagystanda jandarlaryň bu görnüşini gorap saklamak boýunça maksatnama kabul edildi. 2020-nji ýylda Hazar düwleni Russiýanyň Gyzyl kitabyna girizildi.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# SUW ÇÜWDÜRIMI – ÖZBOLUŞLY BEZEG DESGASY

**Şäherleriň görküne görk goşýan suw çüwdürimleri ilkibaşda bezegçilik maksadynda gurulman, eýsem, ilaty agyz suwy bilen üpjün etmekde, suw geçirijilerini birikdirmekde ulanylypdyr. Şäher ýaşaýjylarynyň suw bilen bagly zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin oýlanyp tapylan bu ulgama bolan zerurlyklar XIX asyrdan soň azalyp, bezeg hökmünde ulanylyp başlanýar. Soňky ýyllarda syýahatçylyk babatda hem uly üns berilýän suw çüwdürimleriniň göwrümi, owadanlygy we özboluşly «hereketleri» bilen tapawutlanýan görnüşleri bar. Biz hem gazetimiziň şu sanynda dünýädäki özboluşly suw çüwdürimleri bilen bagly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**





**Dubaý çüwdürimi, Birleşen Arap Emirlikleri.** Meşhur syýahatçylyk şäheri bolan Dubaýdaky suw çüwdürimi dünýädäki iň uly suw çüwdürimleriň biri hasaplanýar. 12 gektar meýdany eýeleýän bu suw desgasy Burj Halifa gökdiräniniň öňündäki kölde, Dubaý söwda merkeziniň golaýynda ýerleşýär. Suw çüwdürimi amerikan kompaniýasy «WET Design» tarapyndan gurlup, 2009-njy ýylda resmi taýdan açylýar. Suw desgasyny 6600 çyra, 50 reňkli proýektorlar yşyklandyrýar. 275 metr uzynlykda aýdymdyr saz bilen bilelikde hereket edýän suw çüwdürimi 152 metr beýiklige suw pürkýär.



**Montjuikiň jadyly çüwdürimi, Ispaniýa.** Barselonadaky hökmany baryp görmeli ýerleriň biri hem Montjuikiň jadyly çüwdürimi hasaplanýar. Barselona barýan syýahatçylar bu ajaýyp täsinlik bilen tanşyp, onuň haýran galdyryjy görnüşine şaýat bolýarlar. Suw desgasy Montjuik dagynyň eteginde ýerleşip, bu ýerde myhmanlar üçin çykyşlar we konsertler guralýar. Bu suw çüwdürimi 1929-njy ýylda gurulýar.



**Trewi çüwdürimi, Italiýa.** Dünýäniň iň gadymy suw çüwdürimleriniň biri bolan Trewi 1762-nji ýylda gurlup, häzirki wagta çenli durkuny saklap gelýär. 30 metrden gowrak beýiklige suw pürkýän bu ulgam Rimiň Trewi etrabynda ýerleşýär. Çüwdürimiň merkezinde grek mifologiýasynyň şahsyýeti Okeanyň heýkeli bar. Trewi hemişe gök öwüsýän gözelligi bilen meşhur bolup, syýahatçylary özüne çekýär.



**Bellagio çüwdürimi, ABŞ.** Dünýädäki iň beýik we iň kaşaň suw çüwdürimleriň biri bolan bu desga Las-Wegas şäherindäki Bellagio myhmanhanasynyň öňünde ýerleşýär. Muňa başgaça «aýdym-saz çüwdürimi» hem diýilýär. Lazerler we çyralar bilen yşyklandyrylan suw çüwdüriminiň meýdançasynda ýylyň dowamynda konsertler, çykyşlar guralýar, şeýle hem toý şüweleňleri geçirilýär. Bellagio çüwdüriminiň esasy aýratynlyklarynyň biri hem damjalarda şöhläniň döwülmegi esasynda üç ölçegli şekilleriň peýda bolmagydyr.



**Patyşa Fahdyň çüwdürimi, Saud Arabystany.** Jidda şäherindäki bu desga dünýädäki iň beýik suw çüwdürimi bolup, 312 metr beýiklige suw pürkýär. Desgada üç sany nasos ulanylyp, 625 litrden gowrak suwy sagatda 375 kilometr tizlik bilen ýokary sepýär. Çüwdürim sarp edýän suwuny Gyzyl deňizden alýar. Gijesine bäş ýüzden gowrak LED çyrasy desgany yşyklandyrýar. Patyşa Fahdyň çüwdürimi 1985-nji ýylda işe girizilip, Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabynda dünýäniň iň beýik suw çüwdürimi hökmünde görkezilýär.



**Arçibald çüwdürimi, Awstraliýa.** 1932-nji ýylda gurlan bu çüwdürim Sidneý şäheriniň merkezindäki seýilgähde ýerleşýär. Suw desgasynyň bezeg aýratynlyklarynyň gurluşygynda grek we rim sungatyndan gözbaş alnyp, birnäçe mifologik şahsyýetleriň heýkelleri ornaşdyrylypdyr. Çüwdürimiň daş-töweregi güller bilen gurşalyp, kiçijik garbanyşhanalar hem bar.



**Bukingem çüwdürimi, ABŞ.** Dünýäniň iň uly çüwdürimleriniň biri bolan Bukingem ABŞ-nyň Çikago şäherindäki Grant seýilgähiniň merkezinde, Miçigan kölüniň golaýynda ýerleşýär. Bu ulgam 1972-nji ýylda gurlup, üç nasos bilen işleýän 134 töweregi suw pürküjini öz içine alýar. 45 metr beýiklige suw sepýän Bukingem çüwdürimini gijesine reňkli yşyklar bezeýär. Gyşyna festiwal çyralary bilen daş-töwerege bezeg berýän suw çüwdüriminiň töweregi baýramçylyk dabaralarynyň geçirilýän merkezine öwrülýär.



**Baýlyk çüwdürimi, Singapur.** Aziýanyň meşhur syýahatçylyk şäherleriniň biri bolan Singapurda baýlygyň we ýaşaýşyň nyşany hökmünde gurlan, agzybirligi alamatlandyrýan suw çüwdürimi ýerleşýär. Çüwdürim 66 metrlik aýlawly halkadan we dört diregden ybarat bolup, dünýäniň iň beýik suw desgalarynyň biri hasaplanýar. 30 metrden gowrak belentlige suw sepýän bu çüwdürim Singapura barýan syýahatçylaryň iň köp gelim-gidimli ýerleriniň biridir.

# NÄDIP ÖZBAŞDAK DIL ÖWRENMELI?




**Häzirki zaman dünýäsinde syýahatçylyk pudagy durmuşymyzyň ep-esli bölegini tutýar. Goý, ol iş sapary ýa-da dynç almak üçin syýahat bolsun, tapawudy ýok, biz töweregimizdäkiler bilen gatnaşyk saklamak üçin halkara dilleriň birini bilmeli bolýarys. Şoňa görä, daşary ýurt dilini, ozaly bilen bolsa, iňlis dilini öwrenmek zerurlygy ýüze çykýar. Häzirki wagtda dil öwrenmekde dürli-dürli gollanmalar, gepleşik kitaplary, audio we wideo sapaklar has meşhurlyk gazanýar. Internet gollanmalary hem ýeterlik bolup, okyjylardan diňe isleg, üns we sabyrlylyk talap edilýär.**

**Dil öwrenmegiň iň amatly ýoly – dili özbaşdak öwrenmek bolup durýar. Eger siz ilkinji gezek dil öwrenmäge girişýän bolsaňyz, onda «muny diňe ýaş wagtyň öwrenmek mümkin» diýen pikirlere onçakly üns bermäň! Siz näçe ýaşyňyzda bolsaňyz hem daşary ýurt dilini islendik wagt öwrenip bilersiňiz.**

**Egerde siz iňlis dilini özbaşdak öwrenmekligi maksat edip goýan bolsaňyz, onda siz muňa ynamly çemeleşmelisiňiz! Munda daşary ýurt dilini öwrenmek baradaky şahsy isleg esasy sebäp bolup, ajaýyp netijelere alyp barar. Eger size başga bir daşary ýurt dili gyzykly bolsa, onda ony saýlaň! Iň esasy zat, dil öwrenmek size lezzet bermeli. Eger-de sizde ynam ýeterlik bolsa, onda dil öwrenmeklige başlaberiň. Ilki bilen siz öwrenmegiň iň amatly usulyny saýlap alyň! Gündelik iş mümkinçiligiňizi göz öňünde tutup, täze dil öwrenmek üçin wagt aýryň!**

**Kimdir birine ir bilen öwrenmek, başga birine agşam wagty öwrenmek aňsat düşüp biler. Işden gelen badyňyza dil öwrenmek sapagyna başlamagyň zerurlygy ýok. Ilki dynç alyň, şeýle etseňiz maglumatlary özleşdirmek has netijeli bolar. Emma sapaklar gündelik we wagtly-wagtynda bolmalydyr. Bu ýagdaý esasy şertleriň biri bolup durýar. Bir sapagyň dowamlylygy uly bolmadyk arakesme bilen 60-90 minutdan geçmeli däldir.**

**Iňlis dili we beýleki islendik diller özbaşdak öwrenilende ähli duýgy synalaryň hereketde bolmagyny talap edýär. Siz okaýan we audio sapaklary diňleýän wagtyňyz görüş we eşidiş ýadyňyzy ulanmalysyňyz. Maglumatlara eýe bolmak üçin has köp tagalla ediň! Öwrenýän diliňizdäki filmlere serediň, şol dildäki eserlere düşünmäge synanyşyň we gyzyklanýan diliňize mahsus aýdym-sazlary diňläň!**

**Daşary ýurt dilini özbaşdak öwrenmegi saýlap alanlaryň köpüsi, şobada haýsydyr bir netijelere garaşýarlar. Bu bolsa birbada mümkin däldir. Eger siz özbaşdak okap bilim almagy saýlap alan bolsaňyz, jogapkärçilik özüňizdedir. Öwrenýän temalaryňyz ýeňil ýaly bolup görünse-de, ony dykgatly we içgin özleşdiriň! Şeýle hem täze zatlary öwrenýän wagtyňyz öňküleri gaýtalamagy ýola goýuň! Gaýtalamak arkaly öwrenýän diliňizdäki sözler, grammatik baglanyşyklar has-da ýatda galar. Dil öwrenmekdäki üstünligiňize guwanyň! Eger mümkinçilik bolsa öwrenýän diliňizde gürleýän ýurtlaryň medeniýeti bilen tanyş boluň! Bu dil öwrenmek mümkinçiligiňize itergi berer we maksadyňyza ýetmäge ynam döreder! Üstünlik hemraňyz bolsun!**

# ÇAGALAR

✓ **Towşanlaryň köpüsi gulagyny 180 dereje öwrüp bilýär. Gulaklaryň aýlawly hereketi sesiň takyk ýerini kesgitlemäge ýardam edýär.**

## ÝYLYŇ IŇ GOWY OÝNAWAJY



Çagalar üçin ýylyň ýylyna birnäçe güýmenje oýnawaçlary döredilýär. Häzirki zaman oýnawaçlary çagalaryň wagtyny gyzykly geçirmek bilen bir hatarda, pikirleniş ukybyny, aňyny ösdürýär, el hereketleriniň kämilleşmegini üpjün edýär. Oýnawaç önümçiliginde «Lego», «Bandai Namco», «Hasbro», «Mattel», «Monopoly», «Tomy», «Barbie» ýaly brendler öňdeligi eýeläp, her ýylda iň köp satyn alnan oýnawaçlaryň sanawy yglan edilýär. Awstraliýanyň «Moose Toys» kompaniýasy tarapyndan öndürilen «Magic Mixies Magic Crystal Ball» jadyly şary geçen 2022-nji ýylda körpejeleri gyzyklandyran iň gowy oýnawaç hökmünde saýlandy. Jadygöýlük sungatyny göz öňüňde janlandyrýan bu oýnawaç ýönekeý gurluşa eýe bolup, jadyly taýajykdan, içi dumanly şarjagazdan we «Mixie» atly gurjakdan ybarat. Bu gyzykly interaktiw güýmenje bolup, oýnawaçda 80-den gowrak çyra, ses tolkunlaryny berýän we dumany emele getirýän sensorlar bar. Oýnawaç gök gliserin, polipropilen böleklerinden ýasalyp, elektron shemalar we batareýa ornaşdyrylan. Oýnawajyň gülgüne we benewşe görnüşleri bar.

«Magic Mixies Magic Crystal Ball» jadyly oýnawajy oýnamak üçin yzygiderli ýerine ýetirilýän şertler bar. Ilki bilen gurjagy duman bilen örtülen şaryň içine salmaly, soňra eliňe taýajygy alyp, edil jadygöýler ýaly gurjaga degişli jadyly sözleri gaýtalap, taýajygy şara tarap uzadyp, düwmäni basmaly. Şol wagt şaryň içindäki duman gitdigiçe peselip, «ýat planetadan gelen» «Mixie» peýda bolýar. Soňra şary ýokary galdyryp, gurjak bilen oýunlary oýnap bilersiňiz. Gurjagyň maňlaýyndaky çyrajyklar şardaky we taýajykdaky çyralar bilen utgaşykly işläp, «Mixie» ses sensorlary arkaly birnäçe sözleri gaýtalaýar. Jadyly kristal şarjagazy gaýta-gaýta birnäçe gezek ulanyp bolýar. Şeýle hem «Magic Mixies Magic Crystal Ball» jadyly oýnawajy ýatylanda gijeki yşyk hökmünde hem peýdalanyp bilersiňiz. Hünärmenler çagalara «Magic Mixies Magic Crystal Ball» oýnawajyny ulularyň gözegçiliginde oýnamagy maslahat berýärler.

## GAÝYBANA SYÝAHAT

### Nýu-Ýorkuň merkezi seýilgähi



Nýu-Ýorkuň merkezi seýilgähi dünýädäki iň uly şäher seýilgähleriniň biridir. Amerikan medeniýetiniň meşhur nyşanlarynyň biri bolan bu seýilgäh 1857-1876-njy ýyllar aralygynda gurlup, 843 gektar meýdany eýeleýär. Merkezi seýilgähde emeli köller, şarlawuklar, çemenlikler we tokaý zolaklary ýerleşip, özboluşly tebigy gözelligi döredýär. Bu ýerde haýwanat bagy hem bar. Nýu-Ýorkuň merkezi seýilgähi şäheriň iň gelim-gidimli ýerleriniň biri bolup, bu ýere ýaşaýjylar we syýahatçylar gezelenç maksadynda, şeýle hem Güne ýanmak, sport hem-de döredijilik bilen meşgullanmak üçin gelýärler. Ir bilen seýilgähde çagalary bilen bilelikde ylgaw maşkyny ýerine ýetirýän maşgalalary hem görmek bolýar. Seýilgähiň ähli ýerini gezelenç etmek üçin wagtlaýyn welosiped hem berilýär. Seýilgähe giriş tölegsiz bolup, haýwanat bagyna gezelenç etmek üçin tölegler kabul edilýär. Seýilgähde 9 müňden gowrak agaç oturgyç bar. 1908-nji ýyldan bäri merkezi seýilgähde 240-dan gowrak çeper filmler surata düşürilip, dünýäde iň köp surata düşürilen seýilgäh boldy. Täze ýyl baýramçylygyna bagyşlanan «Öýde ýeke özi» filminiň 2-nji kinosynyň käbir gyzykly kadrlary hem şu seýilgähde surata düşürildi. Nýu-Ýorkuň merkezi seýilgähine ýylda ortaça 42 million syýahatçy gelýär.



## SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

### «Towşana dogduk depe»



Her bir göçme manyly jümläniň aňyrsynda durmuş hakykaty ýatýar. Bu nakylda hem janly tebigatdan mysal alnan.

Haýwanat dünýäsinden belli bolşy ýaly, towşan ýaşaýan mesgenini üýtgetmeýän oturymly jandar bolup, nirede, haýsy şertde doglan bolsa, ömrüni şol ýerde hem ötürýär. Ýaşulularyň gürrüň bermegine görä, gezim edip ýören wagtyň towşan hinine, ol ýerde-de bir towşana gabat gelseň, gidip arkaýyn aw gurallaryňy alyp gelip bilersiň. Bu janawar awlanjagyny bilse-de, dogduk depesinden daş gitmez. Türkmen halky towşanyň bu häsiýetinden ugur alyp, ýaş nesilde watançylyk ruhuny terbiýeleýär.

Watan we onuň mukaddesligi baradaky düşünjeler edebi eserleriň aglabasynda duş gelýär. Ynsan üçin onuň öz dogduk mekanyndan eziz ýurt ýok. Bu barada türkmeniň beýik şahyry Magtymguly Pyragy şeýle belleýär:

*Eşit, adam, dogan ilden*
*Gaýry mähriban ýurt bolmaz.*

















## 1-nji KROSSWORD

**Gurbanjemal BATYROWA,** *Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

**DIKLIGINE:** **1.** Dag daşy. **2.** Içine her hili zat salynýan, guýulýan mata ýa-da kagyz gap. **3.** Şemsi ýyl hasabynyň ýedinji aýy. **4.** Oba hojalyk guraly. **5.** Tok geçiriji enjam. **6.** «..., Mejnuny bir dagyň damanasyndan tapdy» (Andalyp). **8.** Görip, bahyl. **9.** Günorta Amerikanyň günbatar kenaryndaky çöl. **15.** «... üýrer, kerwen geçer» (nakyl). **16.** Gyzyl reňkiň bir öwüşgini. **18.** Sungatyň bir görnüşi. **19.** Sungatda, tebigatda we durmuşda, durmuş aňynyň aýratyn bir görnüşi hökmünde sungat hakda gözelligiň düýp we görnüşleri baradaky pelsepe taglymat. **21.** Azat, özbaşdak. **22.** Gomeriň Troýa urşy wakalaryna bagyşlanan epiki poemasy. **25.** Milli tagam. **26.** Balak. **27.** Köp işläp, ýöräp güýç-kuwwatdan gaçmak. **28.** Örän kiçi, kindiwanja. **31.** Gamgyn äheňli saz eseri. **32.** Sada, ýönekeý. **33.** ...-namys. **35.** Progromirleme dili. **37.** «Çyny ýalana dolama, duryny laýa ...» (nakyl). **39.** Ýüzi tüýjümek, galyň, ýumşak, ýüpek ýa-da nah mata. **40.** Hakyky däl, tebigy bolmadyk. **41.** Heniz per, ýelek çykarmadyk guş jüýjesi.

**KESELIGINE:** **2.** Baglaýjy kömekçi. **5.** Materik. **7.** Ýewropada bir döwlet. **10.** Peýniriň bir görnüşi. **11.** Aziýanyň merjen şäheri. **12.** Keşbi janlandyrýan adam. **13.** Arap elipbiýinde bir harp. **14.** Agram ölçelýän, çekilýän gural, enjam. **16.** «Akylla- yşarat, ...-kötek» (nakyl). **17.** Tantal himiki elementiň belgisi. **19.** Beden synasy. **20.** Süýnmäge ukyply, maýyşgak jisim. **23.** Boldy, gutar, tamamla. **24.** Akly-garaly sapaklardan örülen ýa-da işilen sapak, bag. **27.** «Jany ... eşek, atdan ýüwrük bolar» (nakyl). **29.** Gawun önümi. **30.** Himiki taýdan işjeň däl maddalar. **33.** Bedew. **34.** Sada el guraly. **36.** Aýlaryň biri. **38.** Ölçeg enjamy. **40.** Sözlemiň baş agzasy. **42.** «Mysal üçin, mysal hökmünde» diýen manyda ulanylýan giriş sözi. **43.** Tok bilen işleýän enjamlaryň umumy ady. **44.** Mähriban ynsan. **45.** Ösümliklerden alynýan külke uglewod. **46.** Amerikada bir şaglawuk. **47.** «Eda yzlasaň, ýola barar, ýoly yzlasaň — ...» (nakyl).

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**

Üç ölçegli surat

№ 1



Üç ölçegli suratyň jogaby.

№ 13

**Oýnuň şerti:** 1 çöpüň ýerini üýtgetmeli.





**DIKLIGINE:** **1.** Birine göriplik, görübilmezçilik edýän, bahyl. **2.** Ölçeg birligi. **3.** Gün şöhlesi düşmeýän ýer, kölege. **4.** Edilýän hezzet hormat, meýlis. **5.** Asman jisimlerini öwrenýän adam. **6.** Bir wakany beýan edýän, kyssa görnüşli ýazylan çaklaňrak çeper eser. **7.** Gadymy Pars hökümdary. **8.** Žurnallarda, gazetlerde, ýygyndylarda çap edilýän kiçi göwrümli ylmy ýa-da syýasy-jemgyýetçilik ähmiýetli habar. **11.** Türkmen itiniň ady. **13.** Maýmynyň bir görnüşi. **17.** Gresiýada bir şäher. **18.** Günorta Amerikada bir döwlet. **20.** Mal-mülk, baýlyk. **22.** Türkiýäniň dynç alyş şäheri. **25.** Atyň toýnagyna kakylýan ýarym aýlaw demir. **27.** Maddanyň mukdarynyň birligi. **29.** Üm. **30.** Uçarlary, dikuçarlary gonmak, ýerleşdirmek bilen üpjün edýän gury ýer meýdançasy. **32.** Dürli gözlegleri taýýarlamak we geçirmek, dogry tertipde saklamak üçin jogapkär hünärmen. **33.** Maksat, niýet. **36.** Suwa batmaz ýaly balyk tutulýan torlara, çeňňegiň bagyna berkidilýän gara deregiň kökünden taýýarlanan agaç. **37.** Bir zadyň ikinji bir zatdan aýratynlygy. **38.** Türkmen şahyry Gurbanaly .... **39.** Arassaçylygy saklamaýan, arymsy bolmadyk. **43.** Ynanç, ygtybar. **44.** Meşhur kartina «.... Liza». **19.** Hekaýa mazmunly şygyr bilen ýazylan eseriň bir görnüşi. **21.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **23.** Ispan aw iti. **24.** Birneme ýogyn, ýogynrak. **26.** Toý-.... **28.** Ýewropanyň günorta-gündogarynda ýerleşýän bir döwlet. **29.** Ýş. **31.** Örän gowşak, başarnyksyz. **34.** Bedeniniň arka tarapy tikenli bolan we düýrlenip bilýän jandar. **35.** Birleşdirilen elementler toplumy. **38.** Öwgi, taryp. **40.** Çagalaryň söýgüli gahrymany. **41.** Ilkinji dessançy şahyr diýip tanalýan Nurmuhammet ... **42.** Oňurga süňki bilen döşi birleşdirýän insiz uzyn ýaý görnüşli süňkler. **43.** Bir zady, hereketi, alamaty ýagşylyga ýormak däbi. **45.** Türkana, sada. **46.** Gyz ady. **47.** Şagalaňly, şüweleňli.

**KESELIGINE:** **1.** Irmän-arman, ýadaman. **9.** Sungatyň bir görnüşi. **10.** Bolelinlikde erkana, azat ýaşamak. **12.** «Kyrk ýyl ... gezinçäň, bütin bir ýyl ner gezgin» (Mollanepes). **14.** «Süleýmandan artyk bolsa şöwketiň, ... getirse gökni haýbatyň» (Magtymguly). **15.** Kebelek. **16.** Gadymy hindi eposy.

**55-nji krosswordyň jogaby:**



## 2-nji KROSSWORD

**Süleýman MÄMMETMYRADOW,** *S.A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Ýaş alymlar guramasynyň başlygy.*




## 1-nji SKANWORD

**Arzuw HOMMADOWA,** *Mary welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň talyby.*



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# Ronaldo «Al Nassr» klubuna transfer boldy

Ýyldyz futbolçy Kristiano Ronaldo «Al Nassr» kluby bilen şertnama baglaşmak üçin Saud Arabystanyna geldi. Ýyldyz oýunçyny müňlerçe janköýer bilen bilelikde, klubuň ýolbaşçylary mähirli garşyladylar. Ronaldo Er-Riýaddaky «Mrsool Park» stadiona ýygnanan 30 müň töweregi janköýeriň öňünde Saud Arabystanynyň «Al Nassr» kluby bilen şertnama baglaşdy. Ol birnäçe topa, şol sanda köýnekçelere goluny çekip, janköýerlere paýlady. Gol çekişlik dabarasynda portugaliýaly ýyldyz:

— Men gelen netijämden hoşal. Şeýle netijä gelenime buýsanýaryn. Ýewropadaky maksatlaryma ýetdim. Ähli zady gazanmak miýesser etdi. Iň uly klublarda oýnadym. Meniň Ýewropadaky missiýam tamamlandy. Indi täze başlangyçlaryň wagty. Maşgalam hem meniň bu ýere gelenime örän şat. Meni bu ýurtda diýseň mähirli garşy aldylar. Men bu ýere diňe futbol oýnamak üçin däl, täze nesilleriň aň-düşünjesine oňaýly täsir etmek üçin, şol sanda zenan futbolynyň ösmegine-de goşant goşmak üçin geldim. Ýewropadan, Braziliýadan, ABŞ-dan, Awstraliýadan, hatda Portugaliýadan hem klublar meni düzümine goşmak isledi. Ýöne men «Al Nassr» topary saýladym. Sebäbi men bu topara söz beripdim. Ýewropada rekord baryny goýdum. Indem gezek Saud Arabystanynda. Köpler bu ýerde-de bäsdeşligiň ýokary depginde geçýändiginden bihabar. Men birnäçe duşuşyga tomaşa etdim — diýip, çykyş etdi.

Maşgalasy bilen Er-Riýada gelen Ronaldo ýurduň iň abraýly kluby «Al Nassr» bilen 2,5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol şol döwür üçin her ýylda azyndan 200 million ýewro hak alar. Ronaldo eýýäm topary bilen ilkinji türgenleşigini hem geçirdi. Ronaldo täze toparynda Taliska, Wensan Abubakar, Luiz Gustawo, Dawid Ospina ýaly ýyldyzlar bilen bilelikde çykyş eder. 1955-nji ýylda esaslandyrylan klub duşuşyklaryny 25 müň orunlyk «Mrsool Park» stadionynda geçirýär. Klub häzirki wagtda dowam edýän çempionatda birinji orunda barýar. Saud Arabystanynyň çempionatynda 9 gezek







çempion bolan «Al Nassr» kluby soňky sapar 2019-njy ýylda ýeňiş gazanypdy. Topar 1998-nji ýylda ozalky AFK Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynda hem çempion bolupdy.

«Al Nassr» toparynyň tälimçisi, fransiýaly belli hünärmen Rudi Garsiýa hem klubuň täze transferi bilen baglanyşykly:

— Men şu zalda adatça her oýundan soň 3–4 žurnalisti görýärdim. Ýöne häzir beýle däl. Ronaldo dünýä futbolynyň taryhyndaky iň uly ýyldyzlaryň biri. Ol rowaýaty futbolçy. Onuň bilen türgenleşik geçmek hem ýeňil bolar. Onuň bu kluba gelmegi çempionat üçinem, ýurt üçinem taryhy pursatlaryň biri. Biziň klub bolup ondan öwrenere zadymyz köp. Ikimiziňem ýeňiş gazanasymyz gelýär — diýip, beýanat berdi.

**5-nji KLUBY**

● 2002-nji ýylda «Sportingde» futbola başlan Kristiano Ronaldo 2003-nji ýylda «Mançester Ýunaýtede», 2009-njy ýylda-da «Real Madride» transfer boldy. 9 ýyl bu klubda oýnap, onlarça çempionlykdan soň 2018-nji ýylda «Ýuwentusyň» düzümine goşuldy. 3 möwsüm Italiýanyň çempionatynda çykyş eden ýyldyz 2021-nji ýylyň tomsunda öňki kluby «Mançester Ýunaýtede» dolandy. Ol bu ýerde 1,5 möwsüm çykyş edip, geçen ýylyň noýabr aýynda klub bilen aragatnaşygyny resmi ýagdaýda kesdi. Klublarda 951 oýunda 701 gol geçiren Ronaldo milli toparda-da 196 duşuşykda 118 gezek tapawutlandy. Ençeme rekordyň eýesi bolan Ronaldo milli ýygyndyda iň köp gol salan, şol sanda duşuşyk geçiren ýewropaly futbolçydyr. Çempionlar Ligasynyň kubogyny 5 gezek asmana göteren Ronaldo bu ýaryşyň hem iň netijeli oýunçysydyr. «Altyn top» baýragyny 5 gezek gazanan Ronaldo 5 Dünýä Kubogynda gol geçiren ýeke-täk futbolçydyr. Ronaldo jemi 33 kubok gazanyp, şolaryň biri-de Ýewropanyň çempionlygydyr.

**Ronaldodan öň we Ronaldodan soň**

● Ronaldonyň «Al Nassr» bilen şertnama baglaşmagyndan soň, klubuň sosial media ulgamlaryndaky yzarlaýjylarynyň sany hem ep-esli artdy. Ronaldodan öň 860 müň Instagram yzarlaýjysy bolan klubuň ýyldyz oýunçynyň şertnama baglaşmagyndan soň yzarlaýjysynyň sany 9,1 milliondan geçdi.

# Futbolyň şasy Pele aradan çykdy

Futbolyň şasy, dünýä futbolynyň ägirdi, köplere görä ähli döwürleriň iň gowy futbolçysy braziliýaly Pele 82 ýaşynyň içinde aradan çykdy. Ol 29-njy noýabrda onkologik keseli sebäpli hassahana düşüpdi. Pele laýyk bir aýdan soň, ýagny 29-njy dekabrda aradan çykdy we ýurtda 3 gün ýas yglan edildi. 3-nji ýanwarda onuň çykyş eden kluby, San Paulu şäheriniň meşhur topary «Santosyň» stadionyna getirilen Pele bilen hoşlaşmaga 240 müňe golaý adam gatnaşdy. Peläniň soňky hoşlaşyk çäresine gatnaşanlaryň arasynda belli şahsyýetler, ýurduň Prezidenti, beýleki ýokary wezipeli adamlar, ozalky futbolçylar, käbir syýasy wekiller hem bolup, olar futbolyň şasy bilen hoşlaşdylar. Futbolyň şasy, Dünýä Kubogyny 3 gezek eýelän ýeke-täk futbolçy bolan Pele belli bir bölegi «Santos» stadionyna tarap bakýan 14 gatly «Memorial Necropole Ecumenica» mazarlygynyň ilkinji gatynda jaýlandy.

1940-njy ýylyň 23-nji oktýabrynda Braziliýanyň Minas-Žeraýs ştatynyň Tres-Korasoýns şäherinde dünýä inen Pele 15 ýaşynda «Santos» klubunda professional futbola başlaýar. 1 ýyldan soň, milli ýygyndyda-da oýnap başlan Pele 17 ýaşyndaka Dünýä Kubogyny eýeleýär. Doly ady Edson Arantis du Nasimentu bolan Pele 1956-njy ýyldan 1974-nji ýyla çenli «Santos» toparynyň köýnekçesini geýýär. Ol bu toparda ähli ýaryşlary hasaba alanyňda, 656 oýun geçirip, şolarda 643 goly öz adyna ýazdyrýar. Pele 1975-nji ýylda «Nýu Ýork Kosmos» klubunyň hataryna goşulýar we bu ýerde-de 3 möwsüm çykyş edýär. Ol amerikan toparynyň düzüminde-de 107 oýunda 64 gezek tapawutlanýar.

Pele ilkinji gezek 16 ýaşynda, 1957-nji ýylyň 7-nji iýulynda milli ýygyndynyň köýnekçesini geýýär. Şonda «Marakana» stadionynda Braziliýanyň ýygyndysy ezeli bäsdeşi Argentinany 2–1 hasabynda ýeňýär. 1971-nji ýyla çenli-de ýygyndynyň esasy ýyldyzy bolýar. Ol şol döwürde 92 oýunda 77 gol geçirýär. Pele resmi däl ýoldaşlyk duşuşyklaryny-da hasaba alanyňda, milli ýygyndynyň köýnekçesi bilen 95 goly derwezä girizýär. Pele Braziliýanyň ýygyndysy bilen 3 gezek Dünýä Kubogyny (1958, 1962, 1970) gazanýar. Ol bu ugurda futbolyň iň uly kubogyny 3 gezek asmana göteren ýeke-täk futbolçydyr. Dünýä Kubogynyň finalynda çykyş eden iň ýaş futbolçy bolan Pele bu ýaryşda het-trik eden iň ýaş futbolçy adynyň hem eýesidir. Dünýä Kubogy ýaryşynda 14 duşuşykda 12 gol geçiren Pele 10 gola asistlik edýär. Peläniň çykyş eden döwürlerinde Braziliýanyň ýygyndysyna Kopa Amerikada çempionlyk gazanmak miýesser etmeýär. Şol sebäpden onuň yklym çempionlygy ýok.

Peläniň klub derejesinde gazananlaryna ser salsak, «Santos» bilen Braziliýanyň çempionlygyna 6, Libertadores Kubogyna 2, Yklymlararasy Kubogyna 2, Yklymlararasy Naýbaşy kubogyna 1, Paulista welaýatynyň çempionlygyna 10, Rio–Sao Paulo ýaryşynyň çempionlygyna 4 gezek mynasyp bolýar. «Nýu Ýork Kosmos» klubunda-da Konferensiýanyň çempionlygyny hem-de ozalky NASL-yň (häzirki MLS) çempionlyk kubogyny eýeleýär. Şahsy sylaglary barada-da aýtsak, ol milli çempionatda 3, Libertadores Kubogynda 1, Yklymlararasy Kubogy ýaryşynda 2, Paulista welaýatynyň çempionatynda 11 gezek iň netijeli futbolçy bolýar.

Birnäçe rekordyň hem eýesi bolan Pele 1999-njy ýylda IFFHS (Halkara futbol taryhy we statistikasy federasiýasy) tarapyndan asyryň futbolçysy diýlip saýlanýar. Şol ýyl FIFA tarapyndan hem «futboldaky ezeli bäsdeşi» Diego Maradona bilen asyryň futbolçysy baýragyny paýlaşýar. Pele öz hasaplamalaryna görä, ähli duşuşyklary (resmi, resmi däl, resmi däl ýoldaşlyk duşuşyklaryny) hasaba alanyňda, 1363 oýunda 1279 gol geçirip, bu ugurda Ginnesiň rekordlar kitabyna-da adyny ýazdyrýar. Resmi hasabatlara seretsek, Pele 831 oýunda 767 gol geçirdi. 1995–1998-nji ýyllar aralygynda ýurdunyň Sport ministri wezipesinde işlän Pele «Time» žurnaly tarapyndan 1999-njy ýylda iň täsirli 100 ynsanyň sanawyna hem alynýar. Hemişe Maradona bilen deňeşdirilýän Pele 1994-nji ýylda ÝUNESKO-nyň parahatçylyk boýunça ilçi wezipesine saýlanýar. 1980-nji ýylda baş keşbinde Silwester Stalloneniň surata düşen «Ýeňşe tarap gaçyşlyk» (Escape to Victory) filminde kiçeňräk keşp hem janlandyran Pele şol kinoda üstaşyr ýagdaýda topy derwezä girizýär. 3 gezek öýlenen we 7 çaganyň kakasy Peläniň ýatkeşligi bolmadyk 100 ýaşly ejesi Seleste Arantesiň oglunyň aradan çykandygyndan bihabardygy habar berildi. Dünýäde millionlarça adamyň, futbolçynyň ylham çeşmesi hökmünde görülýän Pele kalplarda baky ýaşar.



# 2023-nji ýylyň esasy sport çäreleri

Sport äleminde 2022-nji ýyl ýatdan çykmajak wakalara baý boldy. Geçen ýylyň jübüt ýyl bolmagy zerarly 2 iri sport çäresi geçirildi. Olaryň ilkinjisi gyşky Olimpiýa oýunlary, beýlekisi bolsa Katarda geçirilen futbol boýunça 22-nji Dünýä Kubogy ýaryşydyr. Iki çäre hem guramaçylykly ýagdaýda geçirildi. 2023-nji ýylyň täk ýyl bolmagy zerarly esasy iri bäsleşikler bu ýyl geçirilmez. Ýöne muňa garamazdan, ilki gyşky, soňra tomusky Uniwersiadalar, FIFA U-20 Dünýä Kubogy, basketbol boýunça Dünýä Kubogy, regbi boýunça Dünýä Kubogy, zenanlaryň arasyndaky FIFA Dünýä Kubogy, suw sportlary boýunça, ýeňil atletika boýunça Dünýä çempionatlary, şeýle-de Aziýa yklymynda-da futbol boýunça Aziýa Kubogy, Aziýa oýunlary, Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça 6-njy Aziýa oýunlary ýaly sport çäreleri ýylyň öňe saýlanýan ýaryşdyr bäsleşikleri hasaplanýar. Bulardan başga-da, adatça her ýyl geçirilýän ýaryşlar – häzir dowam edýän Dakar Rallisi, Formula 1 Dünýä çempionaty, tennis boýunça «Uly tuwulga» ýaryşlary, futbol UEFA-nyň klub ýaryşlarynyň pleý-off tapgyrlary, NBA Pleý-off tapgyry ýaly bäsleşikler hem sport muşdaklarynyň esasy üns merkezinde bolar. Şeýle-de bu ýylky geçiriljek ýaryşlaryň iň esasy aýratynlygy-da geljek ýyl Parižde guraljak tomusky Olimpiada gatnaşmaga mümkinçilik berýän bäsleşikler bolmagy bellenmäge mynasypdyr. Başgaça aýdylanda, Pariž 2024 tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşjak türgenleriň, toparlaryň köpüsi diýen ýaly şu ýylky ýaryşlarda, çempionatlarda kesgitlener. Türgenler şu ýylky görkezjek başarnyklaryna, gazanjak üstünliklerine görä, Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga ygtyýar alarlar.




31-nji dekabr – 15-nji ýanwar: **45-nji Dakar Rallisi** *(Saud Arabystany)*
12-22-nji ýanwar: **XXX gyşky Uniwersiada** *(Leýk Plasid – ABŞ)*
13-29-njy ýanwar: **Ot hokkeýi boýunça erkekleriň arasyndaky 15-nji Dünýä Kubogy** *(Hindistan)*
16-29-njy ýanwar: **111-nji «Awstraliýa Açyk» «Uly tuwulga» tennis ýaryşy** *(Melburn – Awstraliýa)*
19-22-nji ýanwar: **Dünýä Ralli çempionatynyň möwsümdäki ilkinji ýaryşy** *(Monte Karlo – Monako)*
23-29-njy ýanwar: **Figuralaýyn typmak boýunça Ýewropa çempionaty** *(Espoo – Finlýandiýa)*
1-11-nji fewral: **FIFA Klublar arasy Dünýä Kubogy** *(Marokko)*
12-nji fewral: **LVII «Super Bowl» duşuşygy** *(Arizona – ABŞ)*
19-njy fewral: **72-nji «NBA All Star» duşuşygy** *(Solt Leýk Siti – ABŞ)*
19-njy fewral: **65-nji NASKAR Kubogynyň möwsümdäki ilkinji ýaryşy – «Daýtona 500»** *(Florida – ABŞ)*
1-18-nji mart: **Futbol boýunça ýaşlaryň arasyndaky (U-20) Aziýa Kubogy** *(Özbegistan)*
5-nji mart: **Formula 1 boýunça 74-nji möwsümiň ilkinji «Gran Prisi»** *(Sakhir – Bahreýn)*
17-19-njy mart: **Futzal boýunça Ýewropa çempionatynyň final tapgyry** *(Wengriýa)*
20-26-njy mart: **Figuralaýyn typmak boýunça Dünýä çempionaty** *(Saitama – Ýaponiýa)*
3-9-njy aprel: **Golf boýunça 87-nji «Masters» ýaryşy** *(Augusta – ABŞ)*
5-16-njy aprel: **Hokkeý boýunça zenanlaryň arasynda Dünýä çempionaty** *(Kanada)*
6-njy aprel: **Angliýa – Braziliýa: zenanlaryň arasyndaky Finalissima duşuşygy** *(«Wembley», London – Angliýa)*
15-nji aprel: **NBA Pleý-off tapgyrynyň ilkinji duşuşyklary** *(ABŞ)*
7-14-nji maý: **Dzýudo boýunça Dünýä çempionaty** *(Doha – Katar)*
12-28-nji maý: **Hokkeý boýunça erkekleriň arasyndaky Dünýä çempionaty** *(Finlýandiýa, Latwiýa)*
20-nji maý – 11-nji iýun: **FIFA U-20 Dünýä Kubogy** *(Indoneziýa)*
28-nji maý: **Formula 1 boýunça Monako «Gran Prisi»** *(Monte-Karlo – Monako)*
28-nji maý – 10-njy iýun: **127-nji «Fransiýa Açyk» «Uly tuwulga» tennis ýaryşy** *(Pariž – Fransiýa)*
31-nji maý: **UEFA Ýewropa Ligasynyň finaly** *(«Puşkaş Arena», Budapeşt – Wengriýa)*
4-nji iýun: **UEFA Zenanlar Çempionlar Ligasynyň finaly** *(«Philips» stadiony, Eýndhowen – Niderlandlar)*
7-nji iýun: **UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň finaly** («Fortuna Arena», Praga – Çehiýa)
10-njy iýun: **UEFA Çempionlar Ligasynyň finaly** *(Atatürk stadiony, Stambul – Türkiýe)*
12-18-nji iýun: **122-nji «Amerika Açyk» golf bäsleşigi** *(ABŞ)*
15-25-nji iýun: **Basketbol boýunça zenanlaryň arasyndaky 39-njy Ýewropa çempionaty** *(Ysraýyl, Sloweniýa)*
16-njy iýun – 16-njy iýul: **Futbol boýunça erkekleriň arasyndaky 18-nji Aziýa Kubogy** *(Katar)*
21-nji iýun – 2-nji iýul: **3-nji Ýewropa oýunlary** *(Krakow, Malopolska – Polşa)*
3-16-njy iýul: **136-njy «Wimbledon» «Uly tuwulga» tennis ýaryşy** *(London – Beýik Britaniýa)*
14-30-njy iýul: **Suw sportlary boýunça 20-nji Dünýä çempionaty** *(Fukuoka – Ýaponiýa)*
20-nji iýul – 20-nji awgust: **9-njy FIFA Zenanlaryň arasyndaky Dünýä Kubogy** *(Awstraliýa, Täze Zelandiýa)*
28-nji iýul – 8-nji awgust: **XXXI tomusky Uniwersiada** *(Çendu – Hytaý)*
4-19-njy awgust: **13-nji Afrika oýunlary** *(Akkra – Gana)*
5-12-nji awgust: **Bütindünýä 2-nji kenarýaka oýunlary** *(Bali – Indoneziýa)*
15-nji awgust – 3-nji sentýabr: **Woleýbol boýunça zenanlaryň arasyndaky 33-nji Ýewropa çempionaty** *(Belgiýa, Italiýa, Germaniýa, Estoniýa)*
19-27-nji awgust: **Ýeňil atletika boýunça 19-njy Dünýä çempionaty** *(Budapeşt – Wengriýa)*
21-27-nji awgust: **Badminton boýunça 28-nji Dünýä çempionaty** *(Kopengagen – Daniýa)*
25-nji awgust – 15-nji sentýabr: **Basketbol boýunça 19-njy FIBA Dünýä Kubogy** *(Filippinler, Ýaponiýa, Indoneziýa)*
28-nji awgust – 10-njy sentýabr: **143-nji «Amerika Açyk» «Uly tuwulga» tennis ýaryşy** *(Nýu Ýork – ABŞ)*
28-nji awgust – 16-njy sentýabr: **Woleýbol boýunça erkekleriň arasyndaky 34-nji Ýewropa çempionaty** *(Italiýa, Bolgariýa, D. Makedoniýa, Ysraýyl)*
2-17-nji sentýabr: **Agyr atletika boýunça Dünýä çempionaty** *(Er-Riýad – Saud Arabystany)*
8-nji sentýabr – 28-nji oktýabr: **Regbi boýunça erkekleriň arasyndaky 10-njy Dünýä Kubogy** *(Fransiýa)*
23-nji sentýabr – 8-nji oktýabr: **19-njy Aziýa oýunlary** *(Hanžou – Hytaý)*
29-njy sentýabr – 1-nji oktýabr: **Golf boýunça 44-nji «Ryder» Kubogy** *(Rim – Italiýa)*
6-15-nji oktýabr: **Kenarýaka woleýboly boýunça Dünýä çempionaty** *(Meksika)*
20-nji oktýabr – 5-nji noýabr: **XIX Pan-Amerikan oýunlary** *(Santiago – Çili)*
24-29-njy oktýabr: **Karate boýunça Dünýä çempionaty** *(Wengriýa)*
3-5-nji noýabr: **Dzýudo boýunça Ýewropa çempionaty** *(Monpelie – Fransiýa)*
10-njy noýabr – 2-nji dekabr: **19-njy FIFA U-17 Dünýä Kubogy** *(Peru)*
17-26-njy noýabr: **Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça 6-njy Aziýa oýunlary** *(Bangkok, Çonburi – Wýetnam)*
19-njy noýabr – 7-nji dekabr: **XVII Ýuwaş umman oýunlary** *(Honiara – Solomon adalary)*
26-njy noýabr: **Formula 1 boýunça möwsümiň soňky ýaryşy – Abu Dabi «Gran Prisi»** *(Abu-Dabi – BAE)*
30-njy noýabr – 17-nji dekabr: **Gandbol boýunça zenanlaryň arasyndaky 26-njy Dünýä çempionaty** *(Daniýa, Norwegiýa, Şwesiýa)*
26-njy dekabr – 5-nji ýanwar: **Ýaşlaryň arasynda hokkeý boýunça Dünýä çempionaty** *(Şwesiýa)*

**PREMIER LEAGUE (19) — 24 gol**

**Brentford—Liwerpul: 3–1** (Konate 19 ö.d., Wissa 42, Mbeumo 84 — Oksleýd-Çemberleýn 50), **Arsenal—Nýukasl: 0–0, Ewerton—Braýton: 1–4** (Greý 90+2 p — Mitoma 14, Ferguson 51, Març 54, Gross 57), **Lester—Fulham: 0–1** (Mitrowiç 17), **M. Ýunaýted—Bornmut: 3–0** (Kazemiro 23, Şow 49, Reşford 86), **Southempton—Nottingam: 0–1** (Awonin 27), **Lids—West Ham: 2–2** (Nionto 27, Rodrigo 70 — Paketa 45 p, Skamakka 46), **Aston Willa—Wulwerhempton: 1–1** (Ingz 78 — Podense 12), **Kristal Palas—Tottenham: 0–4** (Keýn 48, 53, Doherti 68, Hyn Min Son 72), **Çelsi—Man. Siti**

**LA LIGA (15) — 21 gol**

**Žirona—R. Wallekano: 2–2** (Kastelýanos 34 p, Sais 75 p — Kamelio 2, Palason 62), **Betis—Atletik: 0–0, Atletiko—Elçe: 2–0** (Žoao Feliks 56, Morata 74), **Hetafe—Malýorka: 2–0** (Maýoral 51, 78), **Kadiz—Almeriýa: 1–1** (Lukas Peres 83 — Melero 40), **Selta—Sewilýa: 1–1** (Weýga 33 — Salas 54), **Walýadolid—Real Madrid: 0–2** (Benzema 83 p, 89), **Barselona—Espanýol: 1–1** (Alonso 7 – Hoselu 73 p), **Wilýarreal—Walensiýa: 2–1** (Çukwueze 45, Foýt 88 — Kawani 21), **R. Sosiedad—Osasuna: 2–0** (Mendes 22, Serlot 64)

**SERIE A (16) — 22 gol**

**Sassuolo—Sampdoriýa: 1–2** (Berardi 64 p —Gabbiadini 25, Ojello 28), **Salernitana—Milan: 1–2** (Bonazzoli 83 — Leao 10, Tonalo 15), **Torino—Werona: 1–1** (Miranşuk 64 — Juriç 45), **Spesiýa—Atalanta: 2–2** (Gýasi 8, Nzola 31 — Houlunn 77, Paşaliç 90+3), **Roma—Bolonýa: 1–0** (Pellegrini 6 p), **Leççe—Lasio: 2–1** (Strefessa 57, Kolombo 71 — Immobile 14), **Fiorentina—Monza: 1–1** (Kabral 19 — Augusto 61), **Kremoneze—Ýuwentus: 0–1** (Milik 90+1), **Udineze—Empoli: 1–1** (Pereýra 70 — Baldansi 3), **Inter—Napoli: 1–0** (Jeko 56)

**LIGUE 1 (17) — 25 gol**

**Anže—Loriýan: 1–2** (Sima 10 — Sima 79 ö.d., Le Fi 88), **Monako—Brest: 1–0** (Golowin 54), **Nant—Oser: 1–0** (Koko 74), **Tuluza—Aýaçço: 2–0** (Ratao 46, Dežager 62), **Lion—Klermon: 0–1 (Çam 86 p), Lans—PSŽ: 3–1** (Frankowski 5, Openda 28, Klod-Moris 48 — Ekitike 8), **Strasbur—Trua: 2–3** (Diallo 41, Dukure 54 — Ripar 16, Roni Lopeş 20, Şawaleren 78), **Lill—Reýms: 1–1** (Dewid 32 — Kaýuste 79), **Monpelie—Marsel: 1–2** (Sawanie 90+1 p — Tawareş 47, Estew 61 ö.d.), **Renn—Nissa: 2–1** (Terrie 5, Buržo 89 — Barkli 21)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 17 | 14 | 2 | 1 | 40-14 | 44 |
| 2 | MAN. SITI | 16 | 11 | 3 | 2 | 44-16 | 36 |
| 3 | NÝUKASL | 18 | 9 | 8 | 1 | 32-11 | 35 |
| 4 | M. ÝUNAÝTED | 17 | 11 | 2 | 4 | 27-20 | 35 |
| 5 | TOTTENHAM | 18 | 10 | 3 | 5 | 37-25 | 33 |
| 6 | LIWERPUL | 17 | 8 | 4 | 5 | 34-22 | 28 |
| 7 | FULHAM | 18 | 8 | 4 | 6 | 30-27 | 28 |
| 8 | BRAÝTON | 17 | 8 | 3 | 6 | 32-25 | 27 |
| 9 | BRENTFORD | 18 | 6 | 8 | 4 | 30-28 | 26 |
| 10 | ÇELSI | 16 | 7 | 4 | 5 | 20-18 | 25 |
| 11 | ASTON WILLA | 18 | 6 | 4 | 8 | 20-26 | 22 |
| 12 | K. PALAS | 17 | 6 | 4 | 7 | 17-25 | 22 |
| 13 | LESTER | 18 | 5 | 2 | 11 | 26-31 | 17 |
| 14 | LIDS | 17 | 4 | 5 | 8 | 25-31 | 17 |
| 15 | NOTTINGAM | 18 | 4 | 5 | 9 | 13-34 | 17 |
| 16 | BORNMUT | 18 | 4 | 4 | 10 | 18-39 | 16 |
| 17 | WEST HAM | 18 | 4 | 3 | 11 | 15-24 | 15 |
| 18 | EWERTON | 18 | 3 | 6 | 9 | 14-24 | 15 |
| 19 | W. HEMPTON | 18 | 3 | 5 | 10 | 11-23 | 14 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 18 | 3 | 3 | 12 | 15-33 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 21 |
| 2 | Harri KEÝN (Tottenham) | 15 |
| 3 | Aýwen TOUNI (Brentford) | 12 |
| 4 | Aleksandar MITROWIÇ (Fulham) | 11 |
| 5 | RODRIGO (Lids) | 10 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 15 | 12 | 2 | 1 | 35-14 | 38 |
| 2 | BARSELONA | 15 | 12 | 2 | 1 | 34-6 | 38 |
| 3 | R. SOSIEDAD | 15 | 9 | 2 | 4 | 21-17 | 29 |
| 4 | ATLETIKO | 15 | 8 | 3 | 4 | 23-14 | 27 |
| 5 | ATLETIK B | 15 | 7 | 4 | 4 | 24-14 | 25 |
| 6 | BETIS | 15 | 7 | 4 | 4 | 17-12 | 25 |
| 7 | WILÝARREAL | 15 | 7 | 3 | 5 | 17-11 | 24 |
| 8 | OSASUNA | 15 | 7 | 2 | 6 | 16-16 | 23 |
| 9 | R. WALLEKANO | 15 | 6 | 5 | 4 | 22-18 | 23 |
| 10 | MALÝORKA | 15 | 5 | 4 | 6 | 13-15 | 19 |
| 11 | WALENSIÝA | 15 | 5 | 4 | 6 | 23-17 | 19 |
| 12 | ŽIRONA | 15 | 4 | 5 | 6 | 22-24 | 17 |
| 13 | ALMERIÝA | 15 | 5 | 2 | 8 | 17-23 | 17 |
| 14 | HETAFE | 15 | 4 | 5 | 6 | 14-20 | 17 |
| 15 | WALÝADOLID | 15 | 5 | 2 | 8 | 13-23 | 17 |
| 16 | ESPANÝOL | 15 | 2 | 7 | 6 | 17-23 | 13 |
| 17 | SELTA | 15 | 3 | 4 | 8 | 15-27 | 13 |
| 18 | SEWILÝA | 15 | 2 | 6 | 7 | 14-23 | 12 |
| 19 | KADIZ | 15 | 2 | 6 | 7 | 10-27 | 12 |
| 20 | ELÇE | 15 | 0 | 4 | 11 | 10-33 | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 13 |
| 2 | Borha IGLESIAS (Betis) | 8 |
| 3 | HOSELU (Espanýol) | 8 |
| 4 | Wedat MURIKI (Malýorka) | 8 |
| 5 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 7 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 16 | 13 | 2 | 1 | 37-13 | 41 |
| 2 | MILAN | 16 | 11 | 3 | 2 | 31-16 | 36 |
| 3 | ÝUWENTUS | 16 | 10 | 4 | 2 | 25-7 | 34 |
| 4 | INTER | 16 | 11 | 0 | 5 | 35-22 | 33 |
| 5 | LASIO | 16 | 9 | 3 | 4 | 27-13 | 30 |
| 6 | ROMA | 16 | 9 | 3 | 4 | 19-14 | 30 |
| 7 | ATALANTA | 16 | 8 | 4 | 4 | 24-17 | 28 |
| 8 | UDINEZE | 16 | 6 | 7 | 3 | 25-18 | 25 |
| 9 | TORINO | 16 | 6 | 4 | 6 | 17-18 | 22 |
| 10 | FIORENTINA | 16 | 5 | 5 | 6 | 19-21 | 20 |
| 11 | BOLONÝA | 16 | 5 | 4 | 7 | 20-26 | 19 |
| 12 | LEÇÇE | 16 | 4 | 6 | 6 | 16-18 | 18 |
| 13 | EMPOLI | 16 | 4 | 6 | 6 | 13-20 | 18 |
| 14 | MONZA | 16 | 5 | 2 | 9 | 17-23 | 17 |
| 15 | SALERNITANA | 16 | 4 | 5 | 7 | 20-26 | 17 |
| 16 | SASSUOLO | 16 | 4 | 4 | 8 | 16-24 | 16 |
| 17 | SPESIÝA | 16 | 3 | 5 | 8 | 16-28 | 14 |
| 18 | SAMPDORIÝA | 16 | 2 | 3 | 11 | 8-28 | 9 |
| 19 | KREMONEZE | 16 | 0 | 7 | 9 | 11-27 | 7 |
| 20 | WERONA | 16 | 1 | 3 | 12 | 13-30 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 9 |
| 2 | M'Bala NZOLA (Spesiýa) | 8 |
| 3 | Marko ARNAUTOWIÇ (Bolonýa) | 8 |
| 4 | Ademola LUKMEN (Atalanta) | 7 |
| 5 | Rafael LEAO (Milan) | 7 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 17 | 14 | 2 | 1 | 46-13 | 44 |
| 2 | LANS | 17 | 12 | 4 | 1 | 29-11 | 40 |
| 3 | MARSEL | 17 | 11 | 3 | 3 | 34-15 | 36 |
| 4 | RENN | 17 | 10 | 4 | 3 | 34-18 | 34 |
| 5 | MONAKO | 17 | 10 | 3 | 4 | 33-23 | 33 |
| 6 | LORIÝAN | 17 | 9 | 4 | 4 | 28-24 | 31 |
| 7 | LILL | 17 | 9 | 3 | 5 | 30-24 | 30 |
| 8 | LION | 17 | 7 | 3 | 7 | 27-21 | 24 |
| 9 | KLERMON | 17 | 6 | 4 | 7 | 20-25 | 22 |
| 10 | REÝMS | 17 | 4 | 9 | 4 | 20-23 | 21 |
| 11 | NISSA | 17 | 5 | 6 | 6 | 16-19 | 21 |
| 12 | TULUZA | 17 | 5 | 4 | 8 | 23-33 | 19 |
| 13 | TRUA | 17 | 4 | 6 | 7 | 29-33 | 18 |
| 14 | MONPELIE | 17 | 5 | 2 | 10 | 27-31 | 17 |
| 15 | NANT | 17 | 3 | 8 | 6 | 18-24 | 17 |
| 16 | AÝAÇÇO | 17 | 4 | 3 | 10 | 15-26 | 15 |
| 17 | BREST | 17 | 3 | 4 | 10 | 18-33 | 13 |
| 18 | OSER | 17 | 3 | 4 | 10 | 16-35 | 13 |
| 19 | STRASBUR | 17 | 1 | 8 | 8 | 20-31 | 11 |
| 20 | ANŽE | 17 | 2 | 2 | 13 | 16-37 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 13 |
| 2 | NEÝMAR (PSŽ) | 11 |
| 3 | Florin BALOGUN (Reýms) | 10 |
| 4 | Jonatan DEWID (Lill) | 10 |
| 5 | Terem MOFFI (Loriýan) | 10 |

# ÝEWROPADA ÝEŇILMEDIK ÝOK

**Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynyň Germaniýadan galanynda arakesme tamamlandy. Geçirilen şu tapgyrdan soň Ýewropanyň esasy çempionatlarynda ýeňlişsiz topar galmady. Ilki «Benfikanyň», soňra PSŽ-niň we ahyrynda-da «Napoliniň» ýeňlişsiz ýörişi tamamlandy.**





Angliýanyň çempionaty «Premier Ligada» 19-njy tapgyrda «Arsenal» öz meýdançasynda «Nýukasl» bilen duşuşdy. Duşuşyk golsuz tamamlanyp, «Arsenal» 5 oýundan soň ýeňiş gazanyp bilmedi. Harri Keýniň 2 gol geçiren oýnunda «Tottenham» myhmançylykda «Kristal Palasyň» derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi. Duşuşykda Hyn Min Son hem tapawutlandy. Şunlukda, Keýn bilen Son 34 duşuşykda gol geçirip, bu ugurda 33 oýunda bilelikde gol geçiren Sadio Mane bilen Mohamed Salahyň rekordyny täzeledi. Şeýle-de «Premier Ligadaky» 300-nji duşuşygyny geçiren Harri Keýn 100-nji, 200 we 300-nji oýnunda gol geçiren 2-nji futbolçy boldy. Ondan öň Teddi Şeringam şeýle statistika görkezipdi. Güýçli klublary ýeňmegi bilen adygan «Brentfordyň» bu statistikasyndan «Liwerpul» hem nesibesini alyp, 3–1 hasabynda asgyn geldi. «Çelsiniň» «Nottingam Forest» bilen deňme-deň oýnap utuk ýitiren tapgyrynda «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Bornmuty» 3–0 hasabynda ýeňdi.

Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da sanawyň ýeňlişsiz lideri «Napoli» bu derejesini elden giderdi. «Interden» 1–0 hasabynda asgyn gelen «Napoliniň» derwezesinden ýeňiş goluny 56-njy minutda Edin Jeko geçirdi. Çempion «Milan» myhmançylykda «Salernitanany» Rafael Leao hem-de Sandro Tonaliniň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. «Ýuwentus» oýnuň soňky minutlarynda, has takygy, 90+1-nji minutda Arkadiuş Miligiň geçiren goly bilen entek ýeňşi bolmadyk «Kremonezeni» 1–0 hasabynda utdy. «Serie A»-da bu tapgyrda «Lasio» myhmançylykda «Leççeden» 2–1 hasabynda asgyn gelen bolsa, paýtagtyň beýleki wekili «Roma» Pellegrininiň geçiren goly esasynda «Bolonýany» 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.



Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada» Kataloniýa derbisinden «Barselona» «Espanýoly» kabul etdi. Çekeşikli geçen oýun 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Mikel Alonsonyň 7-nji minutdaky goluna 73-nji minutda Hoselu 11 m.j. urgusyndan geçiren goly bilen jogap berdi. Benzemanyň gollary bilen myhmançylykda «Walýadolidi» 2–0 hasabynda ýeňen «Real Madrid» «Barselona» bilen utugyny deňledi. «Atletiko Madrid» öz meýdançasynda «Elçeni» Žoao Feliks hem-de Moratanyň gollary esasynda 2–0 hasabynda utdy. «Wilýarreal» bilen «Walensiýanyň» arasyndaky oýunda myhmanlar Kawaniniň goly bilen öňe saýlansa-da, ýer eýeleri 2–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi.

Fransiýanyň çempionaty «Ligue 1»-de PSŽ myhmançylykda 2-nji ýerdäki «Lans» toparyndan 3–1 hasabynda asgyn geldi. 5-nji minutdaky Frankowskiniň goluna PSŽ 3 minutdan soň Ekitikeniň goly bilen jogap berdi. Ýöne Openda hem-de Klod-Morrisiň gollaryna jogap berip bilmedik Messidir Neýmarsyz meýdança çykan parižliler şu möwsümde ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Bu olaryň çempionatyň çäginde 32 oýundan soň ilkinji ýeňlişi hökmünde hasaba alyndy. PSŽ soňky gezek geçen ýylyň martynda Messisiz çykan duşuşygynda «Monakodan» utulypdy. «Ligue 1»-de «Monako» «Bresti» Golowiniň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. «Marsel» hem myhmançylykda «Monpelieden» 2–1 hasabynda üstün çykdy.

**7-nji ýanwar:** Wilýarreal—Real Madrid (20:15), Ýuwentus—Udineze (22:00), Monza—Inter (00:45)

**8-nji ýanwar:** Fenerbahçe—Galatasaraý (21:00), Sampdoriýa—Napoli (22:00), Milan—Roma (00:45), Atletiko—Barselona (01:00)

**9-njy ýanwar:** Istanbul BŞ—Adana Demirspor (19:00)

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.






Bize gelen her bir müşderi taksi hyzmatyndan peýdalanyp biler.
Öýünden getirmek we öýüne äkitmek hyzmaty bar.
Irden sagat 8:00-dan agşam sagat 22:30-a çenli hyzmat edýäris.
DIŇE AŞGABAT ŞÄHERINIŇ ÇÄGI
Tel.: +993 65 81-22-92

«AŞGABAT» GIPERMARKETINIŇ IÇINDE AÇYLAN RESTORANYMYZA HOŞ GELDIŇIZ!

Restoranymyz dünýä derejesine laýyk bezelendir. Biziň baý menýumyzdaky dürli tagamlar sizde ýatdan çykmajak duýgulary galdyrar. Çünki tagamlary ussat aşpezler ussatlyk bilen taýýarlaýarlar. Size «Aşgabat» restoranynda güler ýüz bilen garşy aljak tejribeli ofisiantlarymyz ýokary hilli hyzmat ederler. Restoranymyzda başga-da ençeme oňaýlyklar size garaşýar.








Biziň salgymyz: «Aşgabat» söwda we dynç alyş merkeziniň 0-njy gaty. Tel.: +993 62 21-05-56, +993 65 81-22-92.


# 2023-nji **MILADY** we 1444 –1445-nji **HIJRI-KAMARY** ýyllarynyň senenamasy

ZAMAN INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

| ÝANWAR | | | | | 4 TIRK.4 – REJEP | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 2 | 9 | 9 | 16 | 16 | 23 | 23 | 1 | 30 | 8 |
| Si | | | 3 | 10 | 10 | 17 | 17 | 24 | 24 | 2 | 31 | 9 |
| Ça | | | 4 | 11 | 11 | 18 | 18 | 25 | 25 | 3 | | |
| Pe | | | 5 | 12 | 12 | 19 | 19 | 26 | 26 | 4 | | |
| An | | | 6 | 13 | 13 | 20 | 20 | 27 | 27 | 5 | | |
| Şe | | | 7 | 14 | 14 | 21 | 21 | 28 | 28 | 6 | | |
| Ýe | 1 | 8 | 8 | 15 | 15 | 22 | 22 | 29 | 29 | 7 | | |

| FEWRAL | | | | | REJEP – MERET | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 6 | 15 | 13 | 22 | 20 | 29 | 27 | 7 |
| Si | | | 7 | 16 | 14 | 23 | 21 | 1 | 28 | 8 |
| Ça | 1 | 10 | 8 | 17 | 15 | 24 | 22 | 2 | | |
| Pe | 2 | 11 | 9 | 18 | 16 | 25 | 23 | 3 | | |
| An | 3 | 12 | 10 | 19 | 17 | 26 | 24 | 4 | | |
| Şe | 4 | 13 | 11 | 20 | 18 | 27 | 25 | 5 | | |
| Ýe | 5 | 14 | 12 | 21 | 19 | 28 | 26 | 6 | | |

| MART | | | | | MERET – ORAZA | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 6 | 14 | 13 | 21 | 20 | 28 | 27 | 5 |
| Si | | | 7 | 15 | 14 | 22 | 21 | 29 | 28 | 6 |
| Ça | 1 | 9 | 8 | 16 | 15 | 23 | 22 | 30 | 29 | 7 |
| Pe | 2 | 10 | 9 | 17 | 16 | 24 | 23 | 1 | 30 | 8 |
| An | 3 | 11 | 10 | 18 | 17 | 25 | 24 | 2 | 31 | 9 |
| Şe | 4 | 12 | 11 | 19 | 18 | 26 | 25 | 3 | | |
| Ýe | 5 | 13 | 12 | 20 | 19 | 27 | 26 | 4 | | |

| APREL | | | | | ORAZA – BAÝRAM | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 3 | 12 | 10 | 19 | 17 | 26 | 24 | 4 |
| Si | | | 4 | 13 | 11 | 20 | 18 | 27 | 25 | 5 |
| Ça | | | 5 | 14 | 12 | 21 | 19 | 28 | 26 | 6 |
| Pe | | | 6 | 15 | 13 | 22 | 20 | 29 | 27 | 7 |
| An | | | 7 | 16 | 14 | 23 | 21 | 1 | 28 | 8 |
| Şe | 1 | 10 | 8 | 17 | 15 | 24 | 22 | 2 | 29 | 9 |
| Ýe | 2 | 11 | 9 | 18 | 16 | 25 | 23 | 3 | 30 | 10 |

| MAÝ | | | | | BAÝRAM – BOŞ aý | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | 1 | 11 | 8 | 18 | 15 | 25 | 22 | 2 | 29 | 9 |
| Si | 2 | 12 | 9 | 19 | 16 | 26 | 23 | 3 | 30 | 10 |
| Ça | 3 | 13 | 10 | 20 | 17 | 27 | 24 | 4 | 31 | 11 |
| Pe | 4 | 14 | 11 | 21 | 18 | 28 | 25 | 5 | | |
| An | 5 | 15 | 12 | 22 | 19 | 29 | 26 | 6 | | |
| Şe | 6 | 16 | 13 | 23 | 20 | 30 | 27 | 7 | | |
| Ýe | 7 | 17 | 14 | 24 | 21 | 1 | 28 | 8 | | |

| IÝUN | | | | | BOŞ aý – GURBAN | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 5 | 16 | 12 | 23 | 19 | 1 | 26 | 8 |
| Si | | | 6 | 17 | 13 | 24 | 20 | 2 | 27 | 9 |
| Ça | | | 7 | 18 | 14 | 25 | 21 | 3 | 28 | 10 |
| Pe | 1 | 12 | 8 | 19 | 15 | 26 | 22 | 4 | 29 | 11 |
| An | 2 | 13 | 9 | 20 | 16 | 27 | 23 | 5 | 30 | 12 |
| Şe | 3 | 14 | 10 | 21 | 17 | 28 | 24 | 6 | | |
| Ýe | 4 | 15 | 11 | 22 | 18 | 29 | 25 | 7 | | |

| IÝUL | | | | | GURBAN – AŞYR | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 3 | 15 | 10 | 22 | 17 | 29 | 24 | 6 | 31 | 13 |
| Si | | | 4 | 16 | 11 | 23 | 18 | 30 | 25 | 7 | | |
| Ça | | | 5 | 17 | 12 | 24 | 19 | 1 | 26 | 8 | | |
| Pe | | | 6 | 18 | 13 | 25 | 20 | 2 | 27 | 9 | | |
| An | | | 7 | 19 | 14 | 26 | 21 | 3 | 28 | 10 | | |
| Şe | 1 | 13 | 8 | 20 | 15 | 27 | 22 | 4 | 29 | 11 | | |
| Ýe | 2 | 14 | 9 | 21 | 16 | 28 | 23 | 5 | 30 | 12 | | |

| AWGUST | | | | | AŞYR – SAPAR | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 7 | 20 | 14 | 27 | 21 | 5 | 28 | 12 |
| Si | 1 | 14 | 8 | 21 | 15 | 28 | 22 | 6 | 29 | 13 |
| Ça | 2 | 15 | 9 | 22 | 16 | 29 | 23 | 7 | 30 | 14 |
| Pe | 3 | 16 | 10 | 23 | 17 | 1 | 24 | 8 | 31 | 15 |
| An | 4 | 17 | 11 | 24 | 18 | 2 | 25 | 9 | | |
| Şe | 5 | 18 | 12 | 25 | 19 | 3 | 26 | 10 | | |
| Ýe | 6 | 19 | 13 | 26 | 20 | 4 | 27 | 11 | | |

| SENTÝABR | | | | | SAPAR – 4 TIRK. 1 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 4 | 19 | 11 | 26 | 18 | 3 | 25 | 10 |
| Si | | | 5 | 20 | 12 | 27 | 19 | 4 | 26 | 11 |
| Ça | | | 6 | 21 | 13 | 28 | 20 | 5 | 27 | 12 |
| Pe | | | 7 | 22 | 14 | 29 | 21 | 6 | 28 | 13 |
| An | 1 | 16 | 8 | 23 | 15 | 30 | 22 | 7 | 29 | 14 |
| Şe | 2 | 17 | 9 | 24 | 16 | 1 | 23 | 8 | 30 | 15 |
| Ýe | 3 | 18 | 10 | 25 | 17 | 2 | 24 | 9 | | |

| OKTÝABR | | | | | 4 TIRK. 1 – 4 TIRK. 2 | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 2 | 17 | 9 | 24 | 16 | 1 | 23 | 8 | 30 | 15 |
| Si | | | 3 | 18 | 10 | 25 | 17 | 2 | 24 | 9 | 31 | 16 |
| Ça | | | 4 | 19 | 11 | 26 | 18 | 3 | 25 | 10 | | |
| Pe | | | 5 | 20 | 12 | 27 | 19 | 4 | 26 | 11 | | |
| An | | | 6 | 21 | 13 | 28 | 20 | 5 | 27 | 12 | | |
| Şe | | | 7 | 22 | 14 | 29 | 21 | 6 | 28 | 13 | | |
| Ýe | 1 | 16 | 8 | 23 | 15 | 30 | 22 | 7 | 29 | 14 | | |

| NOÝABR | | | | | 4 TIRK. 2 – 4 TIRK. 3 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 6 | 22 | 13 | 29 | 20 | 6 | 27 | 13 |
| Si | | | 7 | 23 | 14 | 30 | 21 | 7 | 28 | 14 |
| Ça | 1 | 17 | 8 | 24 | 15 | 1 | 22 | 8 | 29 | 15 |
| Pe | 2 | 18 | 9 | 25 | 16 | 2 | 23 | 9 | 30 | 16 |
| An | 3 | 19 | 10 | 26 | 17 | 3 | 24 | 10 | | |
| Şe | 4 | 20 | 11 | 27 | 18 | 4 | 25 | 11 | | |
| Ýe | 5 | 21 | 12 | 28 | 19 | 5 | 26 | 12 | | |

| DEKABR | | | | | 4 TIRK. 3 – 4 TIRK. 4 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 4 | 20 | 11 | 27 | 18 | 5 | 25 | 12 |
| Si | | | 5 | 21 | 12 | 28 | 19 | 6 | 26 | 13 |
| Ça | | | 6 | 22 | 13 | 29 | 20 | 7 | 27 | 14 |
| Pe | | | 7 | 23 | 14 | 1 | 21 | 8 | 28 | 15 |
| An | 1 | 17 | 8 | 24 | 15 | 2 | 22 | 9 | 29 | 16 |
| Şe | 2 | 18 | 9 | 25 | 16 | 3 | 23 | 10 | 30 | 17 |
| Ýe | 3 | 19 | 10 | 26 | 17 | 4 | 24 | 11 | 31 | 18 |

**«Zaman-Türkmenistan» gazetine abuna ýazylyşygy dowam edýär.**